**TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI SERDAR BERDIMUHAMEDOW:**
**– UGLEWODOROD SERIŞDELERINIŇ ÄGIRT ULY GORLARYNA EÝE BOLAN GARAŞSYZ TÜRKMENISTAN ÖZ TEBIGY BAÝLYKLARYNY DIŇE BIR MILLI BÄHBITLERE DÄL-DE, SEBIT WE DÜNÝÄ HALKLARYNYŇ BÄHBITLERINE HEM GÖNÜKDIRMÄGE ÇALYŞÝAR.**


ZAMAN
INTERNATIONAL MEDIA TÜRKMENISTAN
25-nji oktýabr, 2024. Belgisi 43/1609





Hormatly Prezidentimiz Kazan şäheriniň Gabdulla Tukaý adyndaky Halkara howa menzilinde myhmansöýerligiň asylly däbine görä garşylanyldy. Bu ýerde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowy Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow we beýleki resmi adamlar mübäreklediler.

# NETIJELI HALKARA HYZMATDAŞLYGY ÖSDÜRILÝÄR

***Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow XVI BRICS sammitine gatnaşmak üçin Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynda iş saparynda boldy.***

Soňra döwlet Baştutanymyz «Kazan Ekspo» halkara sergi merkezine bardy. Bu ýerde XVI BRICS sammitine gatnaşýan wekiliýetleriň we halkara guramalaryň ýolbaşçylaryny Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin mähirli garşylady. Belent mertebeli myhmanlaryň hormatyna Russiýa Federasiýasynyň Baştutanynyň adyndan kabul edişlik guraldy.

Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasyna iş saparynyň ikinji gününde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Kazan şäherinde ilkinji gezek giňişleýin düzümde geçirilýän XVI BRICS Sammitine hormatly myhman hökmünde gatnaşdy.

30-dan gowrak daşary ýurt döwletleriniň wekiliýet Baştutanlary, halkara guramalaryň, şol sanda BMG-niň, ŞHG-niň we GDA-nyň ýolbaşçylary, şeýle hem Täze ösüş bankynyň prezidenti bilelikde surata düşmek dabarasyndan soňra, XVI BRICS Sammitiniň «BRICS+» görnüşindäki plenar mejlisine gatnaşdylar. Geljekki hyzmatdaşlaryň barha artýan gyzyklanmalary göz öňünde tutulyp, «BRICS+» formaty döredildi. Bu format häzirki döwrüň ähli umumy meseleleri boýunça netijeli dialog üçin meýdança bolup durýar. Durnukly ösüşe hem-de özara bähbitli ykdysady hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berilmegi munuň aýdyň mysalydyr. Bu hyzmatdaşlygyň ugurlary her ýyl geçirilýän ýokary derejedäki Sammitlerde we köptaraplaýyn duşuşyklarda kesgitlenilýär.

Abraýly halkara we sebit guramalary bilen netijeli dialogy ösdürmek Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk, parahatçylyk söýüjilik, netijeli hyzmatdaşlyk ýörelgelerine esaslanýan daşary syýasat strategiýasynyň ileri tutulýan ugurlarynyň biri bolup durýar. Ýurdumyz öz parahatçylyk döredijilik kuwwatyny umumy bähbitlere gönükdirmäge çalşyp, häzirki döwrüň talaplaryna laýyk gelýän anyk başlangyçlary öňe sürýär. Türkmenistan halkara jemgyýetçiligiň parahatçylygy we howpsuzlygy üpjün etmäge, Durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilen tagallalaryna işjeň gatnaşýar. Umumy bähbitlere laýyk gelýän deňhukukly, özara bähbitli hyzmatdaşlykdan ugur almak bilen, ýurdumyz onuň gerimini giňeltmäge açykdygyny tassyklaýar. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň Kazan şäherine şu iş sapary hem munuň aýdyň güwäsidir. Bu ýerde nobatdaky BRICS sammiti geçirildi. Döwlet Baştutanymyzyň ýokary derejedäki şu duşuşyga hormatly myhman hökmünde gatnaşmagy Watanymyzyň halkara abraýynyň belentdigini, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen ikitaraplaýyn we köptaraplaýyn görnüşde hyzmatdaşlyk meselelerinde onuň işjeň ornunyň ykrar edilmeginiň nyşanydyr. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň BRICS sammitine ilkinji gezek gatnaşýandygyny bellemek gerek.

Mälim bolşy ýaly, bu döwletara birleşik 2006-njy ýylda Peterburg halkara ykdysady forumynyň çäklerinde esaslandyryldy. Ilki onuň düzümine Braziliýa Federatiw Respublikasy, Russiýa Federasiýasy, Hindistan Respublikasy we Hytaý Halk Respublikasy girdi. BRICS-iň işiniň esasy maksady işjeň, deňhukukly dialogy, netijeli hyzmatdaşlygy yzygiderli ösdürmekden ybaratdyr.

Türkmenistanyň hem Russiýa Federasiýasynyň strategik häsiýetli gatnaşyklarynda bu ýurduň iri sebitleri bilen ysnyşykly hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga aýratyn ähmiýet berilýär. Tatarystan Respublikasy bilen köpýyllyk netijeli hyzmatdaşlyk muňa aýdyň mysal bolup biler. Şol hyzmatdaşlyk uzak möhletleýinlik, özara bähbitlilik we bilelikdäki işiň ägirt uly oňyn tejribesi esasynda guralýar. Dürli derejede yzygiderli geçirilýän duşuşyklardyr gepleşikler türkmen-tatar dialogynyň ygtybarly binýadyny emele getirýär. Soňky ýyllarda ikitaraplaýyn söwda-ykdysady, medeni-ynsanperwer gatnaşyklara kuwwatly itergi berildi. Bar bolan köpugurly mümkinçilikler özara gatnaşyklaryň täze ugurlaryna çykmaga, işewürlik hereketlerini diwersifikasiýalaşdyrmaga amatly şertleri döredýär.

Türkmenistanyň we Tatarystanyň wekiliýetleriniň iri halkara çärelere, baýramçylyk dabaralaryna gatnaşmagy asylly däbe öwrüldi. Geçirilýän ikitaraplaýyn duşuşyklardyr saparlar köpugurly hyzmatdaşlygyň okgunly ösdürilmegine ýardam edýär. Şu ýylyň maýynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow Kazan şäherine iş saparyny amala aşyrdy we hormatly myhman hökmünde «Russiýa – Yslam dünýäsi: KazanForum – 2024» atly XV halkara ykdysady foruma gatnaşdy.

Şu aýda Aşgabada Prezident Wladimir Putin tarapyndan ýolbaşçylyk edilen wekiliýetiň düzüminde Russiýa Federasiýasynyň Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanowyň hem gelendigi bellärliklidir. Ol beýik türkmen şahyry Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygyna bagyşlanyp geçirilen «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy – parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forumyň çärelerine gatnaşdy.

## TELEKEÇILIGIŇ MILLI YKDYSADYÝETDÄKI ORNY



Häzirki wagtda ata Watanymyzyň bedew batly ösüşleriň mekanyna öwrülendigini uly ynam bilen aýdyp bolar. Bu taryhy döwürde hususy pudagyň ösdürilmegine aýratyn ähmiýet berildi. Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda hususyýetçilere berilýän döwlet goldawy has-da çuňlaşdyrylyp, hususy telekeçilerimiziň dünýä çykmagy çaltlandyryldy. Şol sanda milli işewürlerimiziň halkara gatnaşyklaryny has-da kämilleşdirmegi, milli önümçiligimize dünýäniň öňdebaryjy usullaryny ornaşdyrmagy üçin döredilýän mümkinçilikler has-da giňeldildi.

■ 3

## SENAGAT PUDAGYNYŇ INNOWASION ÖSÜŞI



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzyň ähli künjeginde köp sanly iri taslamalar durmuşa geçirilýär. Köp gatly ajaýyp binalar gurulýar, şäherlerde täze ýaşaýyş toplumlary, iri ilatly nokatlar, uzak aralyklara awtobanlar, polat ýollar gurulýar, halkara ähmiýetli ulag düzümi kemala getirilýär. Toplumlaýyn durmuş-ykdysady maksatnamalaryň çäklerinde ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan giň möçberli gurluşyklar ýokary hilli gurluşyk serişdelerine bolan islegiň ýokarlanmagyny, ýerli çig malyň binýadynda olaryň önümçiliginiň ösdürilmegini şertlendirdi.

■ 3

## «TÜRKMENISTANYŇ NEBITI WE GAZY – 2024» ATLY HALKARA MASLAHAT WE SERGI

*23-nji oktýabrda Söwda-senagat edarasynda «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleriniň, «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň guramagynda «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2024» atly XXIX halkara maslahat we sergi öz işine başlady.*

Şu gezekki forum ýüzlerçe gatnaşyjyny, şol sanda daşary ýurt kompaniýalarynyň, iri halkara guramalaryň, banklaryň wekillerini bir ýere jemledi. Olaryň käbiri pikir alyşmalara sanly ulgam arkaly goşuldylar. Myhmanlar ýangyç-energetika toplumynda halkara, sebit we milli derejede senagatyň geljekki strategiýasyny kemala getirmäge gönükdirilen täzeçillikler, dünýäniň nebit bazaryndaky işleriň ýagdaýy, bu ulgamda marketing strategiýalary baradaky seljeriş-syn maglumatlary bilen tanyşdyryldy. Foruma gatnaşýan wekiliýetleriň düzüminiň ýyl-ýyldan barha giňelmegi dürli ýurtlaryň işewür toparlary tarapyndan Türkmenistan bilen netijeli gatnaşyklary ösdürmäge gyzyklanmanyň barha artýandygyna şaýatlyk edýär.

70-e golaý kompaniýa Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasynyň sergi zalynda öz diwarlyklaryny ýaýbaňlandyrdy. Şolaryň 40-dan gowragy daşary ýurtlardan, hususan-da, Belgiýadan, Beýik Britaniýadan, Germaniýadan, Gruziýadan, Gazagystandan, Hytaý Halk Respublikasyndan, Koreýa Respublikasyndan, Malaýziýadan, Birleşen Arap Emirliklerinden, Russiýa Federasiýasyndan, Amerikanyň Birleşen Ştatlaryndan, Türkiýe Respublikasyndan, Özbegistandan, Fransiýadan,




Ýaponiýadan gatnaşýan kompaniýalardyr. «Türkmengaz», «Türkmennebit» döwlet konsernleriniň we «Türkmengeologiýa» döwlet korporasiýasynyň, ýangyç-energetika toplumynda işleýän onlarça pudaklaýyn kärhanalaryň, hususy telekeçileriň diwarlyklary serginiň esasy bölegini eýeledi. Bu ýerde myhmanlar uglewodorod çig malyny gözläp tapmak, çykarmak, ibermek we saklamak ulgamlaryny üpjün etmek, çuň burawlamak, ozalky hereket edýän turba geçirijileri döwrebaplaşdyrmak, olaryň täzelerini gurmak, nebiti, gazy gaýtadan işlemek boýunça kuwwatlyklary artdyrmak, guýularyň öndürijiligini ýokarlandyrmak babatda hyzmatlaryň giň toplumy bilen tanyşdyrylýar.

«Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2024» atly halkara maslahat günüň ikinji ýarymynda öz işine



başlady. Onda energetika bazarlarynyň ösüşindäki ähli umumy ýagdaýlar we hyzmatdaşlygyň mümkinçilikleri, daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek arkaly, şol sanda Hazar deňziniň türkmen bölegini özleşdirmek boýunça ozaldan bar bolan nebit we gaz känlerini işläp taýýarlamak, täzelerinde gazyp almak işini işjeňleşdirmek, energetiki geçiş, innowasion tehnologiýalaryň hem-de adam maýasynyň eýeleýän orny, energetiki geçişde az uglerodly ýangyçdan peýdalanmak, metanyň, uglerodyň dioksidiniň zyňyndylaryny azaltmak, gazy ýer astynda saklamak we geotermal energiýa ýaly möhüm meselelere garaldy.

«Ähli umumy energetika bazarynda täze depginler we özara bähbitli hyzmatdaşlygyň geljegi» atly umumy mejlisde bellenilişi ýaly, şu gezekki maslahat energetika diplomatiýasynyň geljekki ösüşine, energetika söwdasynyň täze ugurlaryna, önümleriň bazar aýlanyşygynyň emele getirilmeginiň zerurlygyna baha bermäge, ileri tutulýan ugurlara gaýtadan seretmäge, energetika howpsuzlygy, daşky gurşawy goramak meselelerini çözmäge oňyn şert döredýär.

Utgaşykly görnüşde geçirilen umumy mejlise BMG-niň Türkmenistandaky hemişelik utgaşdyryjysy Dmitriý Şlapaçenko, Özbegistanyň energetika ministri Jurabek Mirzamahmudow, Gazagystanyň «KazMunaýGaz» milli kompaniýasy paýdarlar jemgyýetiniň müdiriýetiniň başlygy Ashat Hasenow, BAE-niň ADNOC kompaniýasynyň halkara işewürlik, gaz we suwuklandyrylan tebigy gaz boýunça uly wise-prezidenti Abdulla Al Şamsi, CNPC kompaniýasynyň wise-prezidenti Çžan Daoweý, «S&P Global Commodity Insights» kompaniýasynyň başlygynyň orunbasary Deniel Ýergin, «British Petroleum» kompaniýasynyň gözleg işini geçirmek we özleşdirmek boýunça ýerine ýetiriji wise-prezidenti Ariel Flores we beýlekiler gatnaşdylar. ■ 2

## TÜRKMEN ALABAÝY WEPALYLYGYŇ NUSGASY



Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň parasatly baştutanlygynda gözbaşyny asyrlaryň jümmüşinden alyp gaýdýan milli gymmatlyklarymyzyň biri bolan alabaý itleriniň dünýädäki şan-şöhratyny has-da belende galdyrmak, olary gorap saklamak we köpeltmek, tohumçylygyny alyp barmak hem-de bu ugurda geçirilýän işleri halkara derejede ösdürmek boýunça uly tagallalar edilýär.

Her ýylyň oktýabr aýynyň soňky ýekşenbesinde giňden bellenilýän Türkmen alabaýynyň baýramy mynasybetli dürli çäreler guralýar.

■ 3

### Gizada Uly Müsür muzeýi açylar

16-njy oktýabrda Giza piramidasynyň golaýynda gurlup ulanmaga berlen Uly Müsür muzeýi (Grand Egyptian Museum) synag hökmünde giň köpçülige hödürlendi. ■ 4

### Miwe iýýän balyk

Merkezi we Günorta Amerikada, Meksikanyň günortasyndan Argentinanyň demirgazygyna çenli süýji suwda duş gelýän täsin balyklaryň biri hem piraputangadyr. ■ 5

### «Ýüzükleriň hökümdary» eseri boýunça täze film

Iňlis ýazyjysy J.R.R. Tolkieniň «Ýüzükleriň hökümdary» (The Lord of the Rings) eserler toplumy kino sungatyna çeşme bolmagyny dowam edýär. ■ 6

### 9 golly duşuşykda «Al Hilal» ýeňiş gazandy

AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda 3-nji duşuşyklar geçirilip, Günbatar sebitinde geçen möwsümiň çempiony «Al Ain» (BAE) öz meýdançasynda «Al Hilal» (S. Arabystany) bilen duşuşdy. ■ 7

### Iňlis klublarynyň 4-si hem gol geçirtmezden ýeňiş gazandy

UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji duşuşyklar geçirildi. Oýnalan 18 duşuşykda 51 gol hasaba alyndy. 8 oýunda ýer eýeleri, 7 duşuşykda myhmançylykdaky toparlar ýeňiş gazandy. ■ 8

## Dünýäniň iň uly gaznasy girdejilerini artdyrdy

**Norwegiýanyň pensiýa gaznasy şu ýylyň üçünji çärýeginde gymmatly kagyzlar bazarynyň güýçli bolmagy netijesinde jemi 835 milliard norweg krony (76,23 milliard amerikan dollary) gazanç etdi. Şeýlelikde maýa goýum gaznasy girdejisini 4,4 göterim artdyrypdyr. Gaznany Norwegiýanyň Merkezi bankynyň maýa goýum bölümi bolan «Norges Bank» maýa goýum edarasy dolandyrýar. Maliýe edarasynyň maglumatyna görä, ýylyň üçünji çärýeginde gaznanyň ulylygy 18,87 trillion norweg kronuna (1 trillion 723 milliard amerikan dollaryna barabar) ýetipdir. Gaznanyň serişdeleriniň 71,4 göterimi paýnamalara, 26,8 göterimi hemişelik girdejili gymmatly kagyzlara, 1,7 göterimi gozgalmaýan emläge we 0,1 göterimi gaýtadan dikeldilýän energiýa infrastrukturasyna goýberilipdir.**



**Zubeýda ORAZMYRADOWA,**
***Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.***

## Iň güýçli magnit

Hytaýly alymlar dünýäniň iň güýçli magnitini döretmegi başardylar. Onuň güýji 42,02 tesla barabar. Bu magniti Hytaýyň Ylymlar akademiýasynyň Hefei fiziki bilimler institutynyň hünärmenleri dört ýylyň dowamynda döretdiler. Bu ugurdaky ozalky rekord 2017-nji ýylda Floridadaky ABŞ Milli ýokary magnit meýdany laboratoriýasy tarapyndan hasaba alnypdy. Laboratoriýanyň hünärmenleriniň işläp taýýarlan magnitiniň güýji 41,4 tesla deň bolupdy. Hünärmenler magniti garaşylmadyk ylmy açyşlary etmekde peýdalanyp bilerler. Hytaýly hünärmenler bu magniti daşary ýurtly kärdeşleri bilen bilelikde peýdalanmagy göz öňünde tutýarlar. Täze magnit smartfonlar, Gün panelleri we ýarymgeçirijiler ýaly ugurlarda peýdalanylar. Güýçli magniti döretmekdäki iň uly kynçylyk onuň sarp edýän elektrik energiýasy zerarly gyzgynlygyň öňüni almakdan ybarat.



**Dünýä NURYÝEWA,**
*S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň talyby, Kärdeşler arkalaşygynyň talyp hakynyň eýesi.*

## Kindiwanja ulagy satuwa çykardy

**«Renault» toparyna degişli bolan «Mobilize» kompaniýasy örän kiçi awtoulag modellerini taýýarlady. «Duo» we «Bento» atly ulaglar bir we iki orunlyk bolup, elektrik energiýasy bilen işleýär. Täze ulaglar 2020-nji ýylda tanyşdyrylan «Citroen Ami» kwadrosikliniň bäsdeşi bolar. Bu elektroulaglar jemgyýetçilik ulaglarynyň ýok ýa-da az ýerlerinde sürmäge niýetlenipdir. «Bento» modeliniň yzynda 649 litrlik ýük goýulýan bölüm bar. «Duo»-nyň ululygy 2,43 metre, «Bento»-nyňky 2,54 metre deň. Iki orunlyk «Duo» bir gezekki zarýady bilen 160 kilometr, «Bento» bolsa, 149 kilometr ýol geçip bilýär. Ulaglar daşyndan seredeniňde kiçijik maşyna meňzeýän hem bolsa, resmi ýagdaýda dört tigirli motosikl, ýagny kwadrosikl hasaplanýar. Modelleriň ikisiniň hem gapysy ýokarlygyna açylýar. Kompaniýa bu ulaglary, esasan, kärendesine berýän kärhanalara niýetläp öndüripdir. Modeller 10 müň ýewro çenli bahadan satuwa çykaryldy.**



**Şapolat ÇARYÝEW,**
***Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.***

## Amazonkada gadymy şäher ýüze çykaryldy

Arheologlar Amazonka tokaýlarynyň jümmüşinde gadymy şäheriň üstünden bardylar. And daglarynyň gündogar eteklerindäki Upano jülgesinden tapylan şäheriň azyndan 250 ýyllyk taryhynyň bardygy çaklanylýar. Bu şäheriň harabalyklary gür tokaýlyklaryň arasynda ýüzlerçe ýyllap gizlenip galypdyr. Ylmy işe ýolbaşçylyk edýän San Paulo uniwersitetiniň Arheologiýa we etnografýa muzeýiniň müdiri Eduardo Newes şäheriň XVII asyra degişlidigini çaklaýar. Onuň sözlerine görä, şäheriň bardygy ylym dünýäsine mälim bolup, käbir kartalarda gabat gelýärdi, emma anyk ýeri belli däldi. Bu şäheri portugallar esaslandyrypdyr. Newes şäheriň terk edilenden soňra agaçlaryň «basyp alandygyny» we äpet daşlary ýokary galdyrandygyny belleýär. Ol şäheriň köçeleriniň nireden geçýändigini anyklandyklaryny aýdýar. Milli ylmy barlaglar merkeziniň barlaglar boýunça müdiri, professor Stefen Rosteýn bu şäheriň Amazonkadaky ähli ilatly ýerlerden has gadymydygyny aýdýar.



**Artykmyrat GARAGULOW,**
*Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

## Dubaýda juda insiz gökdiräň gurlar

**Dubaýda «Muraba Veil» atly juda insiz gökdiräniň gurluşygy yglan edildi. Bu diňiň ini bary-ýogy 22,5 metr bolar. «Muraba» kompaniýasynyň ýolbaşçylarynyň bellemegine görä, bu taslama bütin dünýäniň maýadarlaryny, şeýle-de syýahatçylary özüne çeker. Bu özboluşly binagärlik desgasynyň taslamasy bilen Ispaniýanyň meşhur «RCR Arquitectes» kompaniýasy meşgullanýar. Beýikligi 380 metr boljak gökdiräň 73 gatdan ybarat bolar. Binada 131 öý, şeýle hem sagaldyş spa merkezi, restoran, galereýa, padel tennis oýunlary üçin niýetlenen kort we hususy kinoteatr bolar.**

**Her bir öýüň bahasy 18 million dirhemden (4,9 million dollar) başlar. Bina Dubaýyň etegindäki çäge alaňlaryndan seleňläp görner we emirlikdäki köp binalaryň arasynda özüniň kaşaňlygy bilen tapawutlanar. Her bir rezidensiýa gatyň tutuş inini eýelär. Binanyň taslamasyny taýýarlan Ispaniýanyň «RCR Arquitectes» kompaniýasynyň esaslandyryjysy Rafael Aranda binanyň ýerleşýän ýeriniň tebigat bilen sazlaşykly bolmagyna üns berýändiklerini belleýär.**



**Amanberdihajy ÝEGENMYRADOW,**
***Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.***

## «Türkmenistanyň nebiti we gazy – 2024» atly halkara maslahat we sergi

Başlangyjy 1-nji sahypada.

Daşary ýurtly myhmanlaryň çykyşlarynda Türkmenistanyň nebitgaz pudagynda özara bähbitli hyzmatdaşlyk etmäge gönükdirilen başlangyçlarynyň ähmiýeti nygtaldy, şeýle hem ýurdumyzyň ählumumy energetika howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça durmuşa geçirýän öňdengörüjilikli çemeleşmeleriniň dünýä jemgyýetçiliginiň giň goldawyna eýe bolýandygyna üns çekildi.

Soňra maslahatyň işi mowzuklaýyn mejlisler görnüşinde dowam etdi. «Energetiki geçiş üçin gig mal harytlary: esasy meýiller we maýa goýum mümkinçilikleri» ady bilen geçirilen birinji mejlise «Baker Hughes», «Eni S.p.A.», «Dragon Oil», «PETRONAS Çarigali (Türkmenistan) Sdn Bhd» we beýleki daşary ýurt kompaniýalarynyň ýolbaşçylarydyr wekilleri gatnaşdylar. Çykyşlarda bellenilişi ýaly, Türkmenistan soňky ýyllarda sebitiň öňdebaryjy energetika döwletine öwrüldi. Ýurdumyzyň nebitgaz toplumynda halkara iri taslamalaryň işe girizilmegi muny aýdyňlygy bilen subut edýär. Hususan-da, Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasy sebitiň energetika howpsuzlygyny üpjün etmäge gönükdirilip, abraýly halkara maliýe guramalary tarapyndan goldanylýar. Bu energetika taslamasy diňe bir Günorta Aziýanyň ýurtlaryna türkmen tebigy gazynyň iberilmegini üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda, sebitde parahatçylygy we durnuklylygy berkitmekde möhüm ähmiýete eýedir.

Halkara maslahatyna gatnaşyjylar «Türkmen tebigy gazynyň geljegi: täze eksport ugurlary we eksport ukyplary», «Tebigy gazyň – uglerody az ýangyjyň energetiki geçişdäki monetizasiýasy», «Energetiki geçiş: tehnologik innowasiýalaryň we adam maýasynyň orny», «Ýerasty gazyň saklanyşy we geotermal energiýa: iň oňat halkara tejribä syn», «Uglewodorod ýataklaryny özleşdirmekde ekologik jähetler: metanyň, uglerodyň dioksidiniň zyňyndylarynyň azaldylmagyny nygtamak» atly mowzuklaýyn mejlislerde meseleleriň toplumyny ara alyp maslahatlaşdylar. Ugurdaşlyk görnüşde geçirilen mejlislere ýurdumyzyň nebitgaz pudagynyň, daşary ýurtly iri ugurdaş kompaniýalaryň we halkara maliýe guramalarynyň ýolbaşçylarydyr hünärmenleri, bilermenler gatnaşdylar.



23-25-nji oktýabrda geçirilýän maslahatyň we serginiň maksady, energetika pudagynda mundan beýläk-de durnukly ösüş babatdaky gepleşikleri pugtalandyrmak, dünýä energiýa ulgamynyň soňky ugurlaryny gözden geçirmek we ýurdumyzyň nebit-gaz pudagyna göni daşary ýurt maýa goýumlaryny çekmek üçin mümkinçilikleri giňeltmekden ybaratdyr.

Bu halkara forum ýurdumyzyň hem-de dünýäniň energetika bazarynyň häzirki ýagdaýyna syn bermek hem-de özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmek babatda netijeli meýdança öwrüler.

## «Türkmenfilm» birleşiginiň täze filmleri

Oguzhan adyndaky «Türkmenfilm» birleşiginde döredijilikli zähmet gaýnap joşýar. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hem uly göwrümli çeper we gysga göwrümli çeper-publisistik filmleriň ençemesi surata düşürilip kino muşdaklaryna, halkymyza ýetirildi. Olardan ýaş zehinli kinorežissýor Batyr Batyrowyň surata düşüren türkmen türgenleriniň durmuşyndan söhbet açýan «Kämillige ýol 2 – erjellik» atly uly göwrümli filmi bar. Bu filmde Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň köpçülikleýin sporty we bedenterbiýäni ösdürmek ugrunda edýän taýsyz tagallalary netijesinde ýurdumyzyň sport abraýynyň gün-günden arşa galýandygy çeper beýan edilýär.

Ýaş zehinli kinorežissýor Rahymberdi Annagulyýewiň surata düşüren «Atalar we ogullar» atly çeper-publisistik filminde Gahryman Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy», «Ömrümiň manysynyň dowamaty», şeýle-de gündogaryň beýik akyldary Magtymguly Pyragynyň eserler ýygyndysy utgaşdyrylyp beýan edilýär hem-de Pygamberlik ýolundan başlap, häzirki döwrümize çenli ata bilen ogul arasyndaky gatnaşyklar barada söhbet açylýar. Eser çuň mazmunly bolup, öz içine dürli döwürleri alýar. Hut şonuň esasynda hem film özboluşly häsiýete eýe bolupdyr.

Bulardan başga-da, «Gadymy Änew türki dünýäsiniň medeni paýtagty», «Daglar garaşýar», «Magtymguly ýyly» atly çeper-publisistik filmler surata düşürildi. Täze ýyl baýramçylygyna bagyşlanyp «Aşyk men», «Bagt näme» atly gysga göwrümli çeper filmler önümçilige goýberildi. «Aşyk men» atly filmde Aşyk atly ýaş zehinli ýigidiň zähmet we durmuş ýoly çeper beýan edilýär.

Şeýle-de, şu ýyl surata düşürilip başlanan we häzirki wagtda dowam edýän kinorežissýor Myrat Orazowyň «Gorkut ata boýlary (Domrul)» atly uly göwrümli çeper filmi «Gorkut ata» eposynyň «Döwhe goja ogly Däli Domrul boýy» bölümi esasynda bolup, baş gahryman Domrul özüne göwni ýetýän, batyr adam hökmünde suratlandyrylýar.




Ýaş zehinli kinorežissýor Hekim Alowowyň Magtymguly Pyragynyň goşgularyndan ybarat kitabyň taryhyndan söhbet açýan «Baky dost» atly gysga göwrümli filminiň hem-de «Magtymguly Pyragy» atly uly göwrümli çeper filminiň surata düşüriliş işleri alnyp barylýar. Akyldar şahyryň çagalyk, ýaşlyk, orta ýaş we garrylyk pursatlaryny öz içine alýan bu filmi Şirli Mollaýew surata düşürýär.

**Resul HOJABERDIÝEW,**
*Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Merkezi geňeşiniň medeniýet we köpçülikleýin habar beriş bölüminiň esasy hünärmeni.*

## Bilim ulgamynda halkara hyzmatdaşlyk

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Gahryman Arkadagymyzyň we Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýurdumyzyň ylym-bilim ulgamynda amala aşyrýan düýpli özgertmeleri özüniň oňyn netijelerini berýär. Ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde dünýäniň öňdebaryjy ylym-bilim merkezleri hem-de ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlyk işleri giň gerimde ýola goýulýar we ösdürilýär.



Golaýda Türkiýe Respublikasynyň Ýazyjylar birleşiginiň başlygy, Ankara jemgyýetçilik bilimleri uniwersitetiniň rektory, professor Musa Kazym Aryjan ýurdumyzda bolup, Bilim ministrliginde we käbir ýokary okuw mekdeplerinde netijeli duşuşyklar geçirdi. Şonuň esasynda türkmen-türk hyzmatdaşlygynyň bilim ugry boýunça käbir ýokary okuw mekdepleri bilen hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýlar.

Şeýle hem bilim ulgamyndaky halkara hyzmatdaşlygynyň çäklerinde Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti bilen Perujanyň daşary ýurtlular üçin uniwersitetiniň arasynda Özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilmegi, türkmen-italýan bilim gatnaşyklaryny täze derejä çykarar.

Bu möhüm saparlar daşary ýurt dillerini okatmagyň döwrebap usulyýetini ornaşdyrmak we öňdebaryjy mugallymçylyk tejribesini kämilleşdirmek babatda hyzmatdaşlyk etmäge, daşary ýurt dillerini okatmagy kämilleşdirmek maksady bilen daşary ýurt dillerini okatmak boýunça okuw meýilnamalaryny, maksatnamalaryny, okuw-usuly we ylmy-usuly gollanmalaryny, ylmy neşirleri we okuw kitaplaryny alyşmak bilen birlikde iki ýokary okuw mekdebiniň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmäge ýardam eder.

Bilim ulgamynda netijeli halkara hyzmatdaşlygyň netijesinde, ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň 13-si XX asyryň 70-nji ýyllarynyň başyndan bäri hereket edýän «Times Higher Education» (THE) guramasynyň «World University Ranking 2025» atly uniwersitetleriň bütindünýä reýtingine habarçy-agza (Reporter) hökmünde ýörite sanawa girizildi.

**Gunça KIÇIÝEWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Diller – dostluk köprüsi

Dil birek-birek bilen özara aragatnaşyk saklamagyň esasy serişdesi bolup, sözleýiş we ýazuw arkaly ýüze çykýar. Häzirki wagtda dünýäde 7 müň töweregi dil bolup, şolaryň 90 göterimden gowragynda 100 müňe golaý adam gepleşýär.

Dünýä ilatynyň ýarysy 23 diliň haýsy hem bolsa birinde gepleýär. Dünýä ilatynyň ýarysyndan gowragy birden köp dil bilýär. Şumer dili miladydan öňki 3500-nji ýyllara degişli iň gadymy ýazuw dilidir, ondan soňra müsür we hytaý dilleri gelýär. Papua Täze Gwineýa dünýäde iň köp dilli ýurt hasaplanýar. Ýurtda 841 dil ulanylyp, olaryň käbirine az sanly adam düşünýär. Papua diliniň ýazuwynda 11 harp ulanylyp, iň kiçi elipbiýli dil hasaplanýar. Mandarinçe ene dil hökmünde iň köp gepleşilýän dil hasaplanýar. 1,3 milliarddan gowrak ilaty bolan Hytaýyň ýaşaýjylarynyň 70 göteriminden gowragy bu dilde gepleýär. Iň köp öwrenilýän dil iňlis dili bolup, dünýä ilatynyň köpüsi ony ikinji dil hökmünde bilýär. Dünýäniň iň uzyn elipbiýi bolan kamboja dilinde 73 harp bar. «Elipbiý» arap diliniň ilkinji harplaryndan emele gelen sözdür. Bu manydaky söz Ýewropa dilleriniň köpüsinde grek diliniň ilkinji harplary bolan «alfa» we «beta»-nyň goşulyp ýazylmagy bilen «Alphabet » görnüşinde döräpdir. Dürli ylmy we beýleki maglumatlaryň köpdügi sebäpli iňlis dili internetde ulanylýan iň meşhur dildir. Dilleriň köpüsinde gyzlaryň, aýallaryň we erkekleriň leksikasy bar bolsa, nemes dilinde oglanlaryň leksikasy hem bar.

Arap, iňlis, rus, hytaý, fransuz we ispan dilleri bolsa Birleşen Milletler Guramasynyň resmi dilleridir. Ýurdumyzda dünýä dilleriniň arasynda esasy orun tutýan daşary ýurt dillerini öwrenmäge ähmiýet berilýär. Daşary ýurt diline eýe bolmak halklaryň arasynda dostluk, medeni gatnaşyklaryň ösmegine, ýaşlaryň dünýä medeniýetiniň ruhuna ýakynlaşmagyna, dünýä tejribeleri bilen tanyşmagyna ýardam edýär. Dünýäde rus dilini ene dili hökmünde ulanýanlaryň sany 164 million töweregidir. Bu dili ikinji dil hökmünde ulanýanlaryň sany bolsa 110 milliondan geçýär. Rus dili Russiýa Federasiýasynyň döwlet dili, Belarusuň iki döwlet diliniň biridir, Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň we käbir beýleki ýurtlaryň resmi dilleriniň hataryndadyr. Şeýle hem Ýewraziýada, Gündogar Ýewropada halkara aragatnaşygyň esasy dilidir. 2022-nji ýyldaky maglumatlara görä, rus diliniň ýaýramak derejesi 8-nji orny eýeleýär. Bu ugurda iňlis dili (1,5 milliard), mandarin dili (1,1 milliard), hindi dili (602,2 million), ispan dili (548,3 million), fransuz dili (274,1 million), arap dili (274 million) we bengal dili (272,7 million) öňdeligi eýeleýär.




**Rustam BAÝRAMGELDIÝEW,**
*Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň diller kafedrasynyň mugallymy.*

## Türkmen keşdeçilik sungaty – milli mirasymyz

Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Milli merkeziniň, ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň sekretariatynyň hem-de Türkmenistanyň Telewideniýe, radiogepleşikler we kinematografiýa baradaky döwlet komitetiniň bilelikde yglan eden «Türkmen keşdeçilik sungaty – milli mirasymyz» atly bäsleşiginiň jemi jemlendi.

Halkymyzyň medeni mirasynyň görnükli nusgalarynyň biri bolan türkmen keşdeçilik sungatynyň ÝUNESKO-nyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilmegine bagyşlanyp geçirilen bäsleşik ene-mamalarymyzdan gelýän keşdeçilik sungatyny mynasyp dowam etdirmegi, ýaşlarda bu sungata bolan söýgini artdyrmagy maksat edindi.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda ýurdumyzda halkymyzyň taryhynyň dowamynda döreden milli gymmatlyklaryny öwrenmek, medeni mirasynyň esasy ugurlaryny geljek nesillere ýetirmek ugrunda giň gerimli işler alnyp barylýar. Ene-mamalarymyz türkmen zenanlarynda zähmetsöýerligi, dogruçyllygy, mertligi, ululara hormat goýmagy kemala getiripdirler. Çagalara edep-ekram terbiýesini bermekde, milli ahlak kadalarynyň birkemsiz berjaý edilmeginde we olary nesilden-nesle geçirmekde türkmen zenanlarynyň orny örän uludyr.

Bäsleşige ýurdumyzyň welaýatlarynda ýeňiji bolan zenanlaryň uly topary gatnaşdy. Olar halkymyzyň keşdeçilik sungatynyň taryhy we aýratynlyklary barada gürrüň bermek bilen, ýaka, tahýa, kürte we beýleki el işlerini keşdelemekde ukyp-başarnyklaryny görkezdiler. Bäsleşigiň ýeňijileri SMS-habarnamalary esasynda saýlandy. Oňa laýyklykda, birinji orna Mary, ikinji orna Daşoguz we üçünji orna Lebap welaýatynyň keşdeçi zenanlary mynasyp boldular. Ýeňijilere gymmat bahaly sowgatlar we hormat hatlary gowşuryldy.



**Merjen SUMBAROWA,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Senagat pudagyna bagyşlanan halkara forum

«Türkmenistanyň gurluşygy, senagaty we energetikasy» (CIET-2024) atly halkara maslahaty 2024-nji ýylyň 3–5-nji noýabry aralygynda Aşgabat şäherinde geçiriljek möhüm wakalaryň biri bolar. «CIET-2024» halkara forumy ýurdumyzda we goňşy döwletlerde senagatyň, gurluşygyň we energetikanyň ösmeginde möhüm goşandyny goşmak bilen, ykdysadyýetiň bu pudaklaryna innowasiýa we maýa goýumlaryny çekmek üçin niýetlenendir.

Bu halkara forum Türkmenistanyň Gurluşyk we binagärlik ministrligi, Türkmenistanyň Energetika ministrligi, Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi, «Türkmenhimiýa» döwlet konserni, Awtomobil ýollarynyň gurluşygyny dolandyrmak baradaky döwlet agentligi, Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy we Aşgabat şäher häkimligi tarapyndan bilelikde guralyp, ýokary derejede geçiriler.

«CIET-2024» halkara forumyň maksady gurluşyk, energetika, jemagat hojalygy, senagat we himiýa senagaty pudaklaryndaky häzirkizaman meseleleri we sebitleýin täze infrastruktura taslamalary ara alyp maslahatlaşmakdan ybaratdyr. Maslahatyň dowamynda elektrik energetikasy, gurluşyk, himiýa we senagat ulgamlaryndaky täze maýa goýum taslamalaryna garalyp geçiler. Maslahatyň aýratyn plenar mejlislerinde Arkadag şäheriniň gurluşygynyň ikinji tapgyry hakynda, şol sanda lukmançylyk we gaýtadan işleýiş toparlarynyň ulgamlary barada giňişleýin çykyşlar ediler.



Ykdysady sepgitleriň sergisi interaktiw meýdança hökmünde çykyş edip, bu ýerde halk hojalygynyň dürli pudaklary – senagat, oba hojalygy, energetika, gurluşyk, ulag we aragatnaşyk pudaklaryndaky ýetilen sepgitler görkeziler. Serğä gatnaşyjylar öňdebaryjy ýerli kärhanalar, ösen tehnologiýalar we ýurdumyzyň ykdysadyýetinde ulanylýan innowasion çözgütler bilen tanşyp bilerler. Sergi özara peýdaly hyzmatdaşlygyň ösmegine goşant goşar.

**Kerwen NURÝAGDYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

## Türkmenistan GDA-nyň möhüm geňeşine başlyklyk eder

Golaýda paýtagtymyzda GDA-nyň Zähmet, iş üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak boýunça maslahat beriş geňeşiniň 37-nji mejlisi geçirildi. Bu möhüm mejlisiň çäklerinde Türkmenistan Russiýa Federasiýasyndan geňeşe başlyklyk etmegi resmi taýdan kabul etdi.

GDA-nyň Zähmet, iş üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak boýunça maslahat beriş geňeşi oňa gatnaşyjy ýurtlaryň zähmet we durmuş ugurlaryndaky tagallalaryny birleşdirmek üçin möhüm meýdança bolup durýar. Onuň mejlislerinde iş bazary, durmuş we iş üpjünçiligi, işgärleriň hukuklarynyň goralmagy, zähmet çekmegiň şertleri ýaly meseleler ara alnyp maslahatlaşylýar. Geňeşiň netijeli çözgütleri GDA ýurtlarynyň döwlet syýasatynyň ösmegine uly täsir edýär. Bu bolsa Arkalaşygyň çägindäki hyzmatdaşlyk gatnaşyklarynyň çuňlaşdyrylmagynda möhüm tapgyr bolup durýar.

Aşgabatda geçirilen GDA-nyň Zähmet, iş üpjünçilik we ilaty durmuş taýdan goramak boýunça maslahat beriş geňeşiniň 37-nji mejlisiniň dowamynda ýurdumyzda soňky bäş ýylyň dowamynda işewür-jemgyýetçilik ugry boýunça gazanylan möhüm üstünlikler beýan edildi. Ilaty goramak we saglygy goraýyş pudaklaryna çykdajylaryň artdyrylmagy, şeýle hem giň gerimli şähergurluşyk taslamalarynyň durmuşa geçirilmegi esasy ara alnyp maslahatlaşylan meseleleriň biri boldy.



Arkadag şäherinde 2023-nji ýylda gurluşygyň birinji tapgyrynyň çäginde ýaşaýyş jaýlary, mekdepler we saglygy goraýyş edaralary ýaly 336 sany döwrebap bina ulanyşa berildi. Ikinji tapgyryň dowamynda saglygy goraýyş edaralarynyň we jemgyýetçilik desgalarynyň gurluşygynyň has giňeldilmegi göz öňünde tutulýar.

**Goçmyrat HEZILOW,**
*Türkmenistanyň Inžener-tehniki we ulag kommunikasiýalary institutynyň talyby.*

## Gezelenç etmeli iň gowy ýerler

«National Geographic» žurnaly 2025-nji ýylda gezelenç etmek üçin iň gowy ýerleriň sanawyny taýýarlady. Sanawyň başynda Bosniýa we Gersegowinanyň paýtagty Saraýewo şäheri bar. Şäher baý milli baýlyklary we taryhy mirasy bilen şeýle derejä mynasyp görlüpdir. Neşiriň bu baradaky habarynda birnäçe asyrlyk taryhy we tebigy gözellikleri özünde jemleýän paýtagtyň şeýle halanmagyna haýran galmagyň zerurlygynyň ýokdugy aýdylýar. Habarda şäherde görülmeli ýerleriň arasynda ýerli dükanlaryň bardygy bellenilip, şäheriň içinden geçýän Milýaska derýasynyň kenarynda gezelenç etmek maslahat berilýär.



Neşir tarapyndan geçirilen ses berişlikde Wýetnamyň Hoşimin, ABŞ-nyň Täze Orlean, Perunyň Kusko, Meksikanyň Gwadalahara, Ýaponiýanyň Kanadzawa şäheri we beýleki ýerler bar. Mundan başga-da, sanawa tokaý, derýa, ada we jülge ýaly tebigy ýerler hem girizilipdir. Neşir okyjylaryna Singapur, Malaýziýa we Tailanddan geçýän «Eastern and Oriental Express» otly arkaly hem syýahat edip görmegi teklip edýär.

**Oraznabat AGAÝEWA,**
*Aşgabat şäherindäki 68-nji orta mekdebiň mugallymy.*

## Sagatda 500 kilometr tizlik bilen hereket eder

Ýaponiýada sagatdaky tizligi 500 kilometre ýetýän otlular işe giriziler. Otlynyň synag sürüşleri üstünlikli tamamlandy. Tokio bilen Nagoýa şäherleriniň arasynda gatnajak aşa ýokary tizlikli otly gatnawynyň 2034-nji ýylda ýola goýulmagy göz öňünde tutulýar. Ýaponiýada ösen demir ýol ulgamy bolup, her gün ýurduň ilatyna barabar ýolagçy otlulardan peýdalanýar. Geçirilen synag sürüşinde otlynyň göz bilen görlüp bolmajak derejede çalt gidendigini görmek bolýar. Şeýle-de bolsa, iň ýokary tizlikli otly häzirki wagtda Hytaýda hereket edýär. Şanhaýyň aeroporty bilen şäher merkeziniň aralygynda gatnaýan otlynyň tizligi 520 kilometrden geçýär. Ýaponiýadaky otlularyň ýokary tizligi bolsa häzirki wagtda sagatda 320 kilometre barabar. 2030-njy ýyllardan başlap, ýurtda maşinistsiz ýokary tizlikli otly gatnawynyň hem ýola goýulmagy göz öňünde tutulýar. Bu ýurduň ýokary tizlikli otlulary daşary ýurtlulary hem özüne çekýär. Munda dünýä belli kinolardaky käbir wakalaryň şeýle otlularda geçmeginiň täsiriniň bardygy bellenilýär.

**Ogulmaral SÄHETMYRADOWA,**
*Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

## Iň uzak otly syýahaty ýola goýlar

«Railbookers» agentligi geljek ýyldan başlap dünýäniň iň uzak otly syýahatyny ýola goýmakçy. Lýuks otlular arkaly amala aşyryljak syýahat jemi 59 gün dowam eder. Dünýäniň 4 yklymyndaky, 12 ýurtdan geçjek otlynyň ýolagçylary 20-den gowrak şäherde düşlärler. Syýahatyň bahasy her ýolagçy üçin 116 müň ýewro bolar. 2025-nji ýylyň 3-nji sentýabrynda başlanjak syýahata gatnaşýan ýolagçylar her baran ýerindäki ýörite taýýarlanan medeni çärelere gatnaşarlar.



Ýolagçylar syýahata Kanadanyň Wankuwer şäherinden başlarlar. Soňra Ýewropa gelip, Şotlandiýada, soňra Rim, Werona, Wenesiýa we Pariž şäherlerinde gezelenç ederler. Fransiýadan soňra Budapeşt we Buharestiň üsti bilen Stambula baryp ýeterler. Şeýlelikde, syýahatyň Ýewropa şahasy tamamlanar. Soňra bolsa, uçar bilen Hindistanyň paýtagtyna baryp, Günorta-gündogar Aziýany aýlanarlar. Ondan soňra bolsa, syýahatçylar howa gatnawy arkaly Günorta Afrika Respublikasynyň Ýohannesburg şäherine bararlar. Bu ýerde bolsa, Afrikanyň özboluşly tebigatyna syn ederler. Syýahatyň soňky tapgyrynda ýolagçylar Singapura giderler. Ol ýerden Malaýziýa we Tailanda otly syýahatyny amala aşyrarlar. Uçar petekleriniň bukjanyň bahasyna degişli däldigi bellenilýär.

**Agaserdar HÜMMEDOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň talyby.*

ZAMAN TÜRKMENISTAN

ESASLANDYRYJYSY –
«ZAMAN–TÜRKMENISTAN» HOJALYK JEMGYÝETI

Oktýabr aýynyň 25-i, 2024 | Belgisi: 43/1609
Gazetiň möçberi 8 sahypa. A-115039 | Tiražy: 9047 | Bahasy: 4,50 manat

BAŞ REDAKTOR MYRATDURDY GARJANOW
JOGAPKÄR KÄTIP AMANMYRAT BAÝMYRADOW

BIZIŇ SALGYMYZ: Aşgabat şäheri, 1908 (Gündogar) köçesi, 10-A jaýy.
Tel/Faks: 28-14-05, 28-14-36
web sahypa: www.zamanturkmenistan.com.tm
e-poçta: info.zamanturkmenistan@gmail.com, zamanturkmenistan@sanly.tm

BELLIK: Redaksiýamyza gelen hatlar yzyna gaýtarylmaýar. Gazetimizde ýerleşdirilen mahabatlardaky ýazgylaryň mazmunyna mahabat beriji jogapkärdir. Gazet Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 399536.

Abuna ýazylmak isleýänler üçin gazetiň indeksi: 69477

Gazetiň PDF nusgasyny QR kod arkaly elektron görnüşde okap bilersiňiz!

# TÜRKMEN ALABAÝY WEPALYLYGYŇ NUSGASY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Türkmen alabaýyny yzygiderli köpeltmek, halk seçgiçilik usulyny hem-de milli itşynaslyk mekdebini giňden peýdalanyp, halkara derejesine ýetirmek maksady bilen, ýurdumyzda 2020-nji ýylyň maýynda Halkara «Türkmen alabaý itleri» assosiasiýasy döredildi. Munuň özi türkmen halkynyň wepaly ýoldaşy, milli buýsanjy hasaplanylýan türkmen alabaýlary barada edilýän aladalaryň ýurt derejesinde özüniň oňyn netijesini berýändigini subut edýär.

Ýurdumyzyň gadymy oturymly mekanlarynda alabaýlaryň mesgen tutan ýerleri duş gelýär. Mysal üçin, arheologlar Ahal welaýatynyň çägindäki gadymy Jeýtunda biziň eýýamymyzdan öňki IV müňýyllykda ýaşap geçen, uly kelleli hem-de kuwwatly äňli äpet alabaýyň galyndylaryny ýüze çykardylar. Munuň özi 6 müň ýyl mundan ozal hem ata-babalarymyzyň alabaýlary ýetişdirendiklerine şaýatlyk edýär. Üstünden uzak döwürleriň geçendigine garamazdan, wepalylyk, gaýduwsyzlyk, ynamdarlyk ýaly alabaýlara mahsus häsiýetler saklanyp galypdyr. Tejribeli itşynaslar alabaýlary ösdürip ýetişdirenlerinde güýç ulanmak arkaly temmi çärelerine ýol bermeli däldigine oňat düşünýärler. Bu işde olaryň hormatyna mynasyp boljak derejede çemeleşmeli, şonda ol seniň hakyky wepaly dostuňa öwrülýär. Asyrlaryň dowamynda geçirilen seçgi işleri alabaýlarda bu



häsiýetleri terbiýelemäge ýardam etdi. Olar türkmen halkynyň sazlaşyk, gözellik, maddy we ruhy gymmatlyklar baradaky düşünjeleriniň jemlenmesi bolup, halk medeniýetiniň aýrylmaz bölegini emele getirýär.

Türkmen alabaýy wepalylygyň tebigy nusgasydyr, batyrlygyň hem-de edermenligiň alamatydyr. Halkymyz öý-ojagynyň, mal-mülküniň goraglylygyny öz hemdemi bolan alabaýyna ynanyp, köňül rahatlygyny onuň bilen paýlaşýar. Sagdynlyk we ruhubelentlik ýörelgeleriniň alamatlarynyň ruhy gözbaşynda türkmen alabaýy bardyr. Türkmen alabaýy halkymyzyň milli gymmatlygy, buýsanjy. Halkymyzyň milliliginde özboluşly orny eýeleýän türkmen alabaýlary sähra durmuşynda, çarwa ýaşaýşynda, çopan goşunda aýratyn ähmiýetlidir. Türkmen alabaýynyň ýatkeşligi örän güýçli bolup, sürini berk goraýar. Sürä möjek aralaşan wagty itleriň biri süriniň golaýynda galyp, beýlekileri möjegiň gelen tarapyna gidip, ony kowýarlar, sürä golaýlaşdyrmaýarlar. Türkmen alabaýlary diýseň agras, özüne göwni ýetýän, saldamly bolýarlar. Olar hiç haçan esassyz ýerden üýrmeýärler we uwlamaýarlar. Möjege garşy çykanlarynda-da sessiz topulýarlar. Türkmenler asyrlarboýy itlerde şu sypatlary sünnäläp, nesil arassalygyny saklamak işine aýratyn üns beripdirler.

**Ybraýym NYÝAZDURDYÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# SENAGAT PUDAGYNYŇ INNOWASION ÖSÜŞI

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Häzirki wagtda gazylyp alynýan peýdaly baýlyklaryň täze känlerini ýüze çykarmak boýunça geologik barlaglar işjeň alnyp barylýar. Bu işleriň netijeleri önümçilik toplumlarynyň kuwwatyny pugtalandyrmaga, ýokary hilli gurluşyk serişdeleriniň, beýleki önümleriň öndürilişiniň möçberini artdyrmaga gönüden-göni ýardam edýär. Şeýle önümlere ýurdumyzda we daşary ýurtlarda uly isleg bildirilýär.

Awtomobil ýollarynyň, aragatnaşyk, suw, gaz, elektrik üpjünçilik ulgamlarynyň, lagym arassalaýjy desgalaryň gurluşygyna uly möçberde serişdeler goýberilýär. Aýratyn inženerçilik-tehniki çözgütleri we täze tehnologiýalary talap edýän desgalaryň, şol sanda awtobanlaryň, köprüleriň, köpzolakly halkalaýyn awtomobil ýollarynyň, ýerasty geçelgeleriň, ýollaryň ugurlaryndaky köp derejeli çatryklaryň gurluşyklaryna möhüm ähmiýet berilýär.

Şeýle hem ýurdumyzda elektroenergetika pudagyny ösdürmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda, Diýarymyzyň ähli sebitlerinde döwrebap elektrik stansiýalary guruldy, öndüriji kuwwatlyklar ençeme esse artdyryldy, täze elektrik geçiriji ulgamlar guruldy we täzelenildi. Bu işler ýurdumyzyň dünýä energetika ulgamyna mundan beýläk-de goşulyşmagy üçin amatly şertleri döredýär. Häzirki döwürde ýurdumyzda jemi kuwwaty 7000 megawata deň bolan 12 sany elektrik stansiýasy işleýär. Şolaryň 8-si Garaşsyzlyk ýyllarynda, has takygy, 2013–2021-nji ýyllarda gurlup ulanmaga berildi. Taslama laýyklykda, täze elektrik stansiýasynda 4 sany gaz hem-de 2



sany bug turbinalary hereket edýär. Olaryň jemi öndürijilik kuwwaty 1574 megawata deňdir.

Döwlet Baştutanymyzyň ýurdumyzyň elektroenergetika pudagyny ösdürmäge berýän hemişelik ünsi netijesinde bu pudakda täzeçil hem-de innowasion ugurlara hem aýratyn üns berilýär. Mälim bolşy ýaly, 2021-nji ýylyň martynda «Gaýtadan dikeldilýän energiýa çeşmeleri hakynda» Türkmenistanyň Kanuny güýje girdi. Oňa laýyklykda, elektrik önümçiliginiň innowasion, hususan-da, energiýanyň Gün we ýel ýaly gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini ulanmak arkaly elektrik energiýasyny öndürmek boýunça innowasion taslamalar işlenip taýýarlanylýar. 2022-nji ýylyň iýul aýynda Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrabynda kuwwaty 10 megawat bolan ilkinji köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň gurluşygyna başlandy. Bularyň ählisi «ýaşyl» energetikanyň mümkinçiliklerini ulanmak boýunça taslamalaryň uly geljeginiň bardygyna şaýatlyk edýär. Bu taslamalar milli ykdysadyýetimiziň esasy pudaklarynyň kuwwatyny artdyrmakda we düzümlerini mundan beýläk-de döwrebaplaşdyrmakda uly ähmiýete eýe bolar.

Häzirki wagtda Gyzylarbat etrabynda kuwwaty 10 megawat bolan ilkinji köpugurly Gün we ýel elektrik stansiýasynyň açylyş dabarasyna taýýarlyk görülýär.

Hormatly Prezidentimiziň her ýylyň 3-nji noýabrynda «Gurluşyk we senagat toplumynyň işgärleriniň gününi bellemek hakynda» gol çeken Permany milli ykdysadyýetimiziň kuwwatyny artdyrmaga saldamly goşant goşup, halal we tutanýerli zähmet çekýän ýurdumyzyň gurluşyk, energetika, jemagat hojalygy we senagat pudaklarynyň zähmetkeşleriniň ägirt uly goşandynyň ykrar edilýändiginiň güwäsi boldy.

**Begenç ANNAGELDIÝEW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň uly mugallymy.*

# TELEKEÇILIGIŇ MILLI YKDYSADYÝETDÄKI ORNY

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Bu tagallalar telekeçilerimizi täze-täze başlangyçlara höweslendirip, hususy ulgamyň milli ykdysadyýetimiziň okgunly ösüşine goşant goşýarlar. Netijede, bu gün telekeçilerimiz senagatda, oba hojalygynda, gurluşykda, söwda we hyzmatlar ulgamynda belent sepgitlere ýetdiler.



Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe oba hojalygyny ylmy esasda toplumlaýyn ösdürmek babatda uly işler durmuşa geçirilýär. Hususy işewürlerimiziň oba hojalygyna goşýan goşantlary günsaýyn artýar. Hususy eýeçiligiň binýadynda döredilen maldarçylyk, guşçulyk toplumlary, gök-bakja önümlerini ösdürip ýetişdirýän hojalyklar, oba hojalyk çig malyny gaýtadan işleýän önümçilikler, sowadyjylar bilen enjamlaşdyrylan döwrebap ammarlar telekeçilerimiziň bu ulgamdaky ornuny görkezýän anyk subutnamalardyr.

Häzirki wagtda ýurdumyzda ýerli çig maldan daşary ýurt harytlarynyň ornuny tutup biljek, şonuň bilen bir wagtda, eksporta niýetlenen önümleri öndürmek milli senagatçylarymyzyň öňünde goýlan wajyp wezipe bolup durýar. Şu wezipäniň üstünlikli amal edilmegi ugrunda bolsa kuwwatly senagat kärhanalary yzygiderli döredilýär. Bu gün hususy senagatçylarymyzyň himiýa senagatynda amal edýän işlerine hem batly depgindäki ösüşler mahsus. Milli nyşanly kosmetika we durmuş himiýasyna degişli köp sanly arassaçylyk serişdeleri, mineral dökünleriň köp görnüşleri senagatymyzyň bu görnüşiniň ösüşine aýdyň mysaldyr. Hyzmatlar zynjyrynyň ençeme halkasyny özünde jemleýän döwrebap söwda we dynç alyş merkezleri milli telekeçilerimiziň söwda hem hyzmatlar ulgamyndaky ýeten derejesini görkezýär. Şu ýylyň mart aýynda Aşgabat şäheriniň Magtymguly şaýolunyň ugrundaky «Arkaç» ýerasty awtoduralgaly söwda, medeni dynç alyş we işewürlik merkeziniň açylyp ulanylmaga berilmegi bilen, şeýle merkezleriň sany has-da artdy. Häzirki wagtda işewürlik düzümlerinde dünýä ülňülerine laýyk gelýän bir bitewi internet toruny kemala getirmek arkaly sanly ykdysadyýete geçmek uly depgin bilen alnyp barylýar. Bu tehnologiýalar hususy pudakda alnyp barylýan işlere işjeň ornaşdyrylýar. Milli IT kompaniýalary edara-kärhanalarda sanly ulgamy ornaşdyrmak, elektron resminama dolanyşyk ulgamyny, internet sahypalaryny, ykjam goşundylary we internet portallaryny, elektron söwda portallaryny döretmek ugrunda tejribe topladylar.

Gurluşyk hem-de gurluşyk serişdeleriniň önümçiligi ulgamy türkmen işewürleriniň örän üstünlikli özleşdiren pudaklarynyň biridir. TSTB-niň agzalary önümçilik we durmuş maksatly desgalary – ýaşaýyş jaýlaryny we zawodlary, mekdepleri, çagalar baglaryny, lukmançylyk we sport binalaryny, ýollary, raýat awiasiýasynyň düzümleýin desgalaryny hem-de beýlekileri gurýarlar.

Bu aýdylanlara ýakynda geçirilen şu ýylyň dokuz aýynda ykdysadyýetimiziň pudaklarynda alnyp barlan işleriň jemlerine bagyşlanan sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň mejlisindäki berlen maglumatlar hem aýdyň mysal bolup biler. Sebäbi Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 109,5 göterime, senagat önümleriniň ösüş depgini 104 göterime deň boldy.

**Aşyr AŞYROW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# DOKMA SENAGATYNYŇ TÄZE TOPLUMLARY

Dokma senagaty ýurdumyzyň milli ykdysadyýetiniň öňdebaryjy pudaklarynyň biri bolup, döwlet tarapyndan berilýän goldaw bilen iň depginli ösýän pudaklaryň birine öwrüldi. Garaşsyzlyk ýyllarynda täze dokma kärhanalarynyň gurulmagyna we bar bolan kärhanalaryň durkunyň täzelenmegine köp möçberde maýa goýumlar gönükdirildi. Häzirki wagtda dokma önümçiligine degişli köp sanly kärhana, şol sanda iri dokma toplumlary, pagta egriji we dokmaçylyk önümçilikleri, tikinçilik fabrikleri, aýakgap fabrikleri, derini we ýüňi gaýtadan işleýän zawodlar hereket edýär.

Ýurdumyzda üstünlikli alnyp barylýan ykdysady özgertmeleriniň netijesinde dokma senagatynyň mundan beýläk hem ösdürilmegi göz öňünde tutulýar. Pudagyň öňünde goýlan wezipeleri ýerine ýetirmek maksady bilen, iň soňky tehnologiýa enjamlary bilen enjamlaşdyrylan döwrebap dokma toplumlaryny gurmak meýilleşdirilýär. Şeýle toplumlaryň birini Daşoguz welaýatynyň Saparmyrat Türkmenbaşy etrabynda gurmak göz öňünde tutulýar.

Ýurdumyzda bu pudagyň ösdürilmegi netijesinde Ahal welaýatynyň Kaka we Babadaýhan etraplarynda täze dokma toplumlary açyldy. Şunuň ýaly täze kärhanalarda halkara hil, dolandyryş we marketing standartlarynyň iň döwrebap talaplaryna laýyk gelýän önümler öndürilýär. Öndürilýän önümleriň daşky gurşawyň howpsuzlygyna degişli talaplara laýyk gelmegine aýratyn üns berilýär. Muňa ýurdumyzyň senagatynyň däp boýunça tebigy ýerli çig mallara esaslanýan ugry ýardam edýär. Eziz Diýarymyzyň dokma senagatynyň öňdebaryjy kärhanalarynyň önümleri halkara derejesinde ykrar edildi we ISO 9001, 9002, ISO 14001 sertifikatlary, şeýle hem WRAP we OHSAS 18001 standartlaryny aldy.

Täze toplumlaryň yzygiderli gurlup, ulanmaga berilmegi ýurdumyzyň dokma senagatynyň eksport mümkinçiligini artdyrar. Häzirki wagtda ýurdumyzyň dokma önümleriniň agramly bölegi GDA ýurtlaryna, Ýewropa, Aziýa we dünýäniň beýleki ýerlerine iberilýär. Ýurdumyzyň dokma kärhanalarynyň wekilleri daşary ýurtlarda (Hytaý, Russiýa, Gazagystan, Belarus, Özbegistan, Täjigistan, Koreýa, Türkiýe, Germaniýa) geçirilýän sergilere işjeň gatnaşýarlar. Mundan başga-da, daşary ýurtly hyzmatdaşlar üçin tanyşdyryş saparlary we sergi çäreleri guralýar.

Ýurdumyzyň Dokma senagaty ministrliginiň önümleri owadan we gowy eşiklere bolan islegleri kanagatlandyryp bilýär. Tikinçiler uly ýaşly adamlar hem-de çagalar üçin ýyly eşikleriň dürli görnüşlerini işläp taýýarladylar we öndürdiler. «Ahal» tikinçilik birleşiginde, Gypjak we Kaka dokma toplumlarynda flanel, sinteponda garyşyk matalardan ýyly geýimleri öndürmek ýola goýuldy. S.Türkmenbaşy adyndaky dokma fabriginde flanel matadan erkekler, zenanlar we çagalar üçin eşikleriň dürli görnüşleri tikilýär. Türkmenabadyň tikin fabriginde drap matadan gyzjagazlar üçin çagalar paltosy we beýleki eşikler tikilip başlandy. Daşoguz welaýatynyň «Çeper» tikinçilik fabriginde çagalar üçin ýyly eşikler toplumy, erkekler üçin ýeňsizler taýýarlanylýar. Kaka etrabynda açylan täze dokma toplumynda sinteponda kurtkalardyr ýeňsizler, S.A.Nyýazow adyndaky



nah mata kombinatynda erkekler, zenanlar we çagalar üçin ýyly joraplar öndürilýär. Döwrebap ýyly önüm – şerstipon önümçiligi ýola goýuldy, ondan ýyly ýorgançalar tikilýär. Bu önümleri ýurdumyzyň ilaty we myhmanlary paýtagtymyzdaky hem-de ýurdumyzyň welaýatlaryndaky söwda nokatlaryndan elýeterli bahalardan alyp bilerler.

**Aýjahan MÄLIKGULYÝEWA,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# SUNGAT – DOST-DOGANLYK ÝOLY

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň parasatly baştutanlygynda türkmen medeniýetiniň, sungatynyň, edebiýatynyň dürdäneleri dünýä ýaýylýar. Muny 2024-nji ýylda Änew şäheriniň «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty», Gündogaryň beýik şahyry we akyldary Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli 2024-nji ýyly «Magtymguly Pyragynyň ýyly» diýlip yglan edilmegi, Magtymguly Pyragynyň golýazmalar toplumynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» maksatnamasynyň halkara sanawyna girizilmegi, Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygynyň 2024 – 2025-nji ýyllarda ÝUNESKO bilen bilelikde bellenip geçiljek şanly seneleriň sanawyna girizilmegi hem tassyklaýar.

«Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda Änew şäheriniň türki dünýäsiniň medeni paýtagty diýlip yglan edilmeginiň şanyna paýtagtymyzda birnäçe halkara medeni çäreler geçirildi. Şolaryň biri hem türki medeniýetiniň halkara guramasyna (TÜRKSOÝ) agza ýurtlaryň II teatr festiwalydyr. Bu festiwal döwletara gatnaşyklaryny medeni ulgamda pugtalandyrmaga, şeýle hem halklaryň arasyndaky dost-doganlygy ösdürmäge uly itergi berdi.

Festiwalyň çäklerinde Özbegistan Respublikasynyň Horezm welaýatynyň sazly drama teatrynyň «Magtymguly», Gazagystan Respublikasynyň Nurmuhan Žanturin adyndaky sazly drama teatrynyň «Guýy», Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky baş akademiki drama teatrynyň «Kabyl we Habyl», Lebap welaýatynyň Seýitnazar Seýdi adyndaky döwlet sazly drama teatrynyň «Gelin ýöreýşi», Gyrgyz Respublikasynyň Ka-



symaly Žantoşew adyndaky sazly drama teatrynyň «Ak gämi», Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky milli sazly drama teatrynyň «Pursat», Türkiýe Respublikasynyň Siwas döwlet teatrynyň «Garajaoglan», şeýle-de Türkmenistanyň Alp Arslan adyndaky milli drama teatrynyň «Akyldar» atly sahna oýunlary görkezildi.

Şeýle hem festiwalyň çäklerinde Türkmenistanyň Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky baş drama teatrynda göçme kitap sergisi, TÜRKSOÝ-a agza ýurtlaryň ýazyjy-şahyrlarynyň şygryýet agşamy hem-de TÜRKSOÝ-a agza ýurtlarynyň ýazyjylarynyň talyp ýaşlar bilen geçirilen döredijilik duşuşygy boldy. Bu medeni çäreler iňňän täsirli bolup, oňa gatnaşyjylar edebi gatnaşyklarymyzy has-da ösdürmäge uly goldaw-hemaýat berýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, peder ýoluny üstünlikli dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden hoşallyk bildirdiler.

Mälim bolşy ýaly, Türki medeniýetiň halkara guramasynyň hemişelik geňeşiniň 39-njy maslahatynda 2024-nji ýylda Änew şäheri «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilipdi. Bu halkara derejedäki ähmiýetli wakalar teatr festiwalynyň mazmunyny düzdi. Häzirki wagtda gadymy Änewiň taryhy-arheologik, binagärlik we etnografik ýadygärlikleri ylmy esasda öwrenilýär. Şol nukdaýnazardan bu geçirilýän festiwalyň düýp manysy Änew medeniýeti bolmak bilen, festiwalyň çäklerinde Seýitjemaleddin ýadygärlik toplumyna baryp gördüler.

**Resul GUWANJOW,**
*Türkmen döwlet binagärlik-gurluşyk institutynyň talyby.*

# TALYPLAR IŞ TEJRIBESI BILEN BILIMINI KÄMILLEŞDIRÝÄRLER

Ýurdumyzda döwlet Baştutanymyzyň alyp barýan döwlet syýasatyna laýyklykda, bilim ulgamynyň ösdürilmegi babatda beýik başlangyçlar öňe sürülýär. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe durmuşa ornaşdyrylýan bilim özgertmeleri strategik maksatlary amala aşyrmagyň we ýurduň ykdysady mümkinçiliklerini artdyrmagyň esasy özenini düzýär. Çünki her bir ýurduň islendik ugurdaky ösüşi ýaşlara berilýän bilim-ylym bilen berk baglanyşyklydyr. Şondan ugur alnyp, ýurdumyzyň bilim ulgamyny has-da ösdürmäge, berk bedenli, giň dünýägaraýyşly ýaş nesli kemala getirmäge uly ähmiýet berilýär.

Türkmenistanda sanly bilim ulgamyny ösdürmegiň Konsepsiýasy ýaşlaryň dünýä ölçeglerine laýyk bilim almagyna, ata Watanymyzyň ykdysady, syýasy, medeni durmuşyna mynasyp goşant goşmagyna, dünýäniň ylym-bilim ulgamynyň gazananlaryndan habarly, kämil hünärmenler bolup ýetişmegine mümkinçilik berýär.

Bilim özgertmeleriniň esasy ugry ylmyň iň täze gazananlaryny, sanly tehnologiýanyň mümkinçiliklerini durmuşa ornaşdyrmak, has takygy, sanly bilimi has-da ösdürmek bilen baglanyşyklydyr. Şunda okatmagyň döwrebap usullary, multimediýa tehnologiýalar bilen bilim öwretmek ýaly ugurlar örän ähmiýetlidir. Ýurdumyzda ylmyň soňky gazananlary okuw işine ornaşdyrylyp, häzirki döwrüň talaplaryny üstünlikli berjaý etmäge ukyply bolan ýaş hünärmenleri taýýarlamaga möhüm ähmiýet berilýär. Kämil ýaşlary taýýarlamakda orta mekdeplerde berilýän bi-



lim milli terbiýe bilen utgaşdyrylýar. Ýaşlaryň bilim öwrenmek ukyby, ylma bolan höwesi ir döwürden kemala getirilmelidir. Şunda orta mekdebiň mugallymlaryna uly wezipe degişli bolup durýar. Sapaklarda okuwçynyň ünsüni çekmek, geçilýän temanyň mazmunyny düşündirmek, sapagy guramaçylykly geçmek kämilligiň binýadydyr. Bularyň ählisi okuwçynyň aňynda bilim öwrenmek we kämilleşmek düşünjesini kemala getirýär.

Häzirki wagtda okatmagyň iň döwrebap usullary has-da ösdürilýär. Bularyň ählisi mugallymyň irginsiz zähmet çekmäge bolan höwesinden ybaratdyr. Ine, şu babatda ýokary okuw mekdeplerinde bilim alýan ýaşlarymyz özleriniň alan bilimlerini iş ýüzünde durmuşa geçirýärler. Olar orta mekdeplerde hem-de çagalar baglarynda iş tejribeliklerini geçýärler.

Şol nukdaýnazardan mugallym her bir okuwçy üçin nusgalyk bolmalydyr. Mugallym okuwçynyň ukyp-başarnyklarynyň kemala gelmegi ugrunda yhlas edýän bolsa, onda zehinli ýaş nesiller hem mugallymynyň ynamyny ödemek üçin yhlasly okar, öwrener. Zehinli ýaşlary ders bäsleşiklerine taýýarlaýan mugallym okuwçynyň bilim derejesini çuňlaşdyrmaga gönükdirilen täzeçil usullary ulanýandygy, okuwçyda jogapkärçilik duýgusyny, maglumatlara baha bermek başarnyklaryny kemala getirmegi başarýandygy bilen tapawutlanýar. Şeýle usullaryň netijesinde ýaş nesilleriň bilim öwrenmek ukyby has-da ösýär we kämil ýaşlar bolup kemala gelýärler.

Häzirki ajaýyp döwrümizde ýaşlara bilim öwretmäge, ylym-bilimi ösdürmäge ähli mümkinçilikler döredilýär. Şeýle giň mümkinçiliklerden peýdalanmak we kämil, giň dünýägaraýyşly ýaşlary kemala getirmek bilim işgärleriniň mukaddes borjudyr.

**Amantäç AGALIÝEWA,**
*Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň rus dili kafedrasynyň uly mugallymy.*

# HALYPALYK MEKDEBI

Hormatly Prezidentimiz Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Diýarymyzyň täsin tebigatynyň köpöwüşginliligini we gözelligini aýap, gorap saklamak, ony geljekki nesillere tebigy durkunda we has hem baýlaşdyryp, miras goýmak barada uly tagallalary edýär. Türkmenistanyň syýasatynda ekologiýa meselelerine aýratyn üns berilýär. Şol ugurda birnäçe işleri alyp baran, türkmen alabaý itlerini öwrenmekde, seçgiçilik, tohum görnüşleriniň ösdürilmeginde, kinologiýa ylmyndan hem uly işleri bitiren Türkmenistanyň bilimde at gazanan işgäri, belli alym, mugallymlaryň, hünärmenleriň, talyp ýaşlaryň hormatly halypasy, bütin manyly ömrüni mukaddes ata Watana, bilime-ylma bagyş eden zoolog-ornitolog, kinolog we ekolog, alym Öwez Sopyýewdir. Alym, mugallym Öwez Sopyýewiň ylmy işleriniň netijeleri ýörite monografiýalarda, ylmy maglumatnamalarda, dissertasiýa işlerinde, ensiklopediýalarda, okuw kitaplarynda, şeýle hem tebigaty goramak boýunça başlangyçlary teleýaýlymlarda taýýarlanylýan ylmy-populýar gepleşiklerde, kitaplarda giňden ulanylýar. Alym mugallymyň maslahaty bilen, Türkmenistanyň tebigaty we haýwanat dünýäsi hakynda gürrüň berýän gysga metražly ylmy-populýar kinofilmler döredildi. Onuň ylmy ýolbaşçylygynda hünärmenleriň ençemesi kandidatlyk dissertasiýasyny gorady. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz «Türkmen Alabaýy» atly kitabynda «Milli kinologiýamyzyň ösüşinde uly işleri durmuşa geçiren belli alym, ornitolog Öwez Sopyýewiň we ýurdumyzyň tebigatyny goramakda, oba hojalygyny ösdürmekde uly goşant goşýan beýleki alymlaryň zähmetine biz örän ýokary baha berýäris» diýip belläp geçýär.

Öwez Sopyýew 1935-nji ýylyň 17-nji oktýabrynda Mary etrabynyň Egrigüzer obasynda (häzirki Aşgabat daýhan birleşigi) dogulýar. Ol 1942-1949-njy ýyllarda ilki öz obasyndaky ýediýyllyk mekdepde okaýar. Soňra Mary şäherindäki 6-njy orta mekdep-internatyny ýokary bahalar bilen tamamlap, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň biologiýa fakultetine okuwa girýär. Ýokary okuw mekdebini tamamlandan soňra S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetinde uzak ýyllaryň dowamynda tutanýerli we döredijilikli zähmet çekip, abraýly we manyly zähmet ýoluna gadam basýar. Öwez Sopyýew üznüksiz iş tejribesi döwründe, Kärdeşler arkalaşyklarynyň ýerli guramasynyň başlygy, dekan, pudaklaýyn ylmy barlaghanasynyň müdiri, kafedra müdiri, Türkmenistanyň tebigaty goramak jemgyýetiniň başlygynyň orunbasary, Ornitologiýa boýunça Türkmenistan jemgyýetiniň başlygy, soňra şol guramanyň Merkezi geňeşiniň agzasy, TEMPUS maksatnamasynyň taslamasynyň Magtymguly adyndaky TDU we S.A.Nyýazow adyndaky TOHU boýunça utgaşdyryjysy ýaly wezipelerde işleýär. Ö.Sopyýew nesilleri terbiýelemekde bitiren görnükli hyzmatlary üçin «Türkmenistanyň bilimde at gazanan işgäri», «Türkmenistanyň ussat mugallymy» diýen hormatly atlara mynasyp bolýar. Alym mugallym biologiýa dersinden milli we halkara olimpiadalary geçirmekde hem tejribeli guramaçy hökmünde tanalýar. Ol ençeme ýylyň dowamynda S.A.Nyýazow adyndaky TOHU-nyň binýadynda biologiýa dersi boýunça GDA döwletleriň oba hojalyk ugurly ýokary okuw mekdepleriniň arasynda halkara olimpiadalaryny taýýarlamak we geçirmek işlerine ýolbaşçylyk edýär. Şol olimpiadalarda milli okuw mekdebi hemişe baýrakly orunlara eýe boldy. Uniwersitetdäki zoologiýa muzeýiniň hem halypanyň ýakyndan goldaw bermegi bilen döredilendigini onuň kärdeşleri, şägirtleri buýsanç bilen gürrüň berýärler. Meşhur alym Türkmenistanda guşlaryň seýrek duş gelýän gymmatly görnüşlerine, şeýle hem zäherli ýylanlary emeli (erkin bolmadyk) şertlerde saklamak we köpeltmek boýunça tehnologiýany öwrenmek işiniň hem başyny başlanlaryň biridir. Alymyň toplan ylmy maglumatlarynyň köpüsiniň ylmy neşirlere, Türkmenistanyň we Merkezi Aziýanyň Gyzyl kitaplaryna girizilmegi onuň baý ylmy döredijiliginden habar berýär. Onuň Köýtendag we Merkezi Köpetdag dag gerişleriniň haýwanat dünýäsi boýunça ylmy barlaglarynyň netijeleri özboluşlylygy we gymmaty bilen dünýä ylmynda mynasyp orny eýeleýär.

Öwez Sopyýew Aşgabatda, Moskwada, Sankt-Peterburgda, Kazanda, Kiýewde, Lwowda, Kişinewde, Almatyda, Bişkekde, Daşkentde, Samarkantda, Buharada, Londonda, Berlinde, Bostonda, Kanberrada çap edilen, haýwanat dünýäsiniň (guşlaryň we süýrenijileriň) dürli toparlaryna, olaryň ekologiýasyna, zoogeografiýasyna, köpeldilmegine bagyşlanan ylmy işleriň 400-den gowragynyň awtorydyr. Alym mugallymyň bilim ulgamyna, hususan-da, biologiýa, ekologiýa, tebigaty goramak derslerini okatmagyň usullaryna hem-de mähriban ülkämiziň tebigatyny goramaga bagyşlanan işleri hem köp. Ö.Sopyýew awtor we redkollegiýanyň agzasy hökmünde Türkmenistanyň Gyzyl kitabynyň birinji (1985), ikinji (1999) we üçünji (2011) neşirlerini taýýarlamaga hem işjeň gatnaşan alym. Onuň gatnaşmagynda 50-den gowrak kitap, ylmy ýygyndylar, sözlükler, dürli ýubileý neşirleri çap edilipdir. Ö. Sopyýewiň sada, göwnaçyk häsiýeti, türkmen we rus dillerini inçelik bilen duýup bilmegi, söz baýlygy, hemişe täzelikleri öwrenmäge teşneligi onuň mugallymçylyk ussatlygyny bezedi. Onuň şahsy kitaphanasynda aglabasy hünär ugurly kitaplardan ybarat bolan 6 müň jiltden hem kän kitap bar. Onuň şahsy kitaphanasyndan kärdeş mugallymlarydyr talyplar, biologiýa mugallymlary, goraghanalaryň we ylmy-barlag institutlaryň hünärmenleri köp ýyllaryň dowamynda peýdalanyp gelýärler. Häzirki wagtda halypanyň ýoluny şägirtleri dowam etdirýär.

Öwez Sopyýewiň maşgalasynda inisi Berdi Sopyýew hem agasynyň ýolundan gidip, durmuşyny ylym bilen baglanyşdyrdy. Ol S.A.Nyýazow adyndaky Türkmen oba hojalyk uniwersitetiniň maldarçylyk we weterinariýa ylmy-önümçilik merkezinde zähmet çekdi, uly ylmy işgär we ylymlaryň kandidaty diýen alymlyk derejesini aldy.

Ýurdumyzda Arkadagly Serdarymyzyň saýasynda halypa-şägirtlik ýoluna giň ýol açylýar. Öz ömrüni Watanymyza, ylym-bilime we beýleki ugurlara bagyş eden beýik şahsyýetleriň eden işleri, geçen durmuş ýollary ýaşlar üçin nusgalyk mekdebidir.

**Merdan NURYÝEW,**
*Aşgabat energetika orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy.*

# EMELI AŇ: ÖSÜŞI WE DURMUŞYMYZA TÄSIRI

Emeli aň adalgasy adama mahsus hereketleri ýerine ýetirmegi üpjün edýän adam beýnisiniň wezipesindäki tehnologiýany aňlatmak üçin girizilen düşünjedir. Ol geçen asyryň 50-nji ýyllarynda döräp, alymlaryň üns merkezindäki meseleleriň biri hasaplanýar. Aslynda, bu ulgam bilen adama mahsus işleri ýerine ýetirýän algoritmleri ýa-da maşynlary döretmek maksady bilen gyzyklanypdyrlar. Ýöne wagtyň geçmegi bilen emeli aňy özünde jemleýän tehnologiýalar kämilleşip, diňe bir adamyň başarýan işlerini däl, eýsem, Ýeriň aşaky gatlaklaryndan mineral maddalary gazyp almak ýaly adamyň başarmaýan işlerini hem ýerine ýetirmegiň hötdesinden gelipdir. Emeli aňy özünde jemleýän tehnologiýalaryň öňünde hiç wagt hem adamyň ýerini tutmak, onuň täsir ediş ulgamyna eýe bolmak ýa-da oňa zyýan ýetirmek maksady goýulmandyr. Emeli aňyň öňünde adamyň ýetmezçiliklerini düzetmek, oňa ylmy açyşlary ýerine ýetirmäge, tebigy betbagtçylyklara garşy göreşmäge kömek etmek ýaly maksatlar wezipe edilip goýlupdyr.

Häzirki wagtda emeli aňyň ösüşi örän ýokary belentliklere ýetdi we adamzadyň jemgyýetçilik durmuşyndaky ýerine ýetirýän işleriniň ählisini diýen ýaly amala aşyrmak mümkinçiligine eýe boldy. Emeli aňyň adamyň ýerine ýetirýän işleriniň ýerini tutmagy adamlary ynjalyksyzlandyrmaly däldir. Çünki, adamyň emeli aňa döredýän mümkinçilikleri ýaly, durmuş hem adamyň öňünde täze-täze mümkinçilikleri açýar. Durmuş hadysalaryna has giňişleýin seredenimizde el telefonlaryň giň ulanylyşa eýe bolmagy bilen öý telefonlaryň ulanylyş ähmiýetiniň peselişi ýaly, haýsydyr bir ulgamyň könelişmegi bilen täze bir ulgamda ösüş özüni äşgär edýär.



Häzirki wagtda biziň ulanýan onlaýn usulda petekleri satyn almakdan başlap, kir we gap-çanak ýuwujy enjamlarymyza çenli ählisi ol ýa-da beýleki derejede emeli aňyň elementlerini özünde jemleýär. Bu zatlar geljekde hem ulanylar. Emeli aňyň bu ösüşini saklamak mümkin däl. Çünki ylmyň ösmegi bilen emeli aňyň elementlerini özünde jemleýän enjamlaryň sany mukdar taýdan artýar, hil taýdan bolsa kämilleşýär.

XXI asyr dünýä ylmynyň we tehnologiýasynyň iň soňky gazananlaryny türkmen halkynyň eşretli durmuşy üçin peýdalanmagyň, döwleti ykdysady we ruhy-medeni taýdan ösdürmegiň, milli ylym-bilim ulgamyny dünýä ylmynyň ýeten iň soňky sepgitlerine ýetirmegiň, oňa mynasyp goşant goşmagyň zamanasydyr. Bu zamana halkyň röwşen geljeginiň sagdyn esaslarynyň ylym-bilime daýanyp gurulýan zamanasydyr.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ylym-bilim bilen meşgullanmaga şeýle ajaýyp mümkinçilikleriň döredilýän Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Türkmen döwlet maliýe institutynda hem häzirki zaman ylmynyň iň kämil ugurlarynyň biri bolan emeli aň öz hünär aýratynlygymyza görä tassyklanan «Ýol kartasy» esasynda düýpli we netijeli öwrenilýär. Institutymyzyň professor-mugallymlarynyň hem-de talyp ýaşlarynyň gatnaşmagynda emeli aň bilen baglanyşykly çykyşlar taýýarlanylýar, bäsleşikler guralýar, ylmy-döredijilik okuwlar geçirilýär, makalalar, hekaýalar neşir edilýär.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyz tarapyndan ylym-bilim bilen meşgullanmaga döredilýän bu giň mümkinçilikler diňe bir halkymyzyň şu günki eşretli durmuşyny üpjün etmek bilen çäklenmän, eýsem, neslimiziň uzak möhletli ajaýyp geljeginiň binýadyny hem pugtalandyrýar.

**Güýçmyrat SOLTANMYRADOW,**
*Türkmen döwlet maliýe institutynyň uly mugallymy.*

# DÜNÝÄ TÄZELIKLERI

gysga setirlerde

**Iň uly uçarmansyz uçýan uçar.** Hytaýyň «United Aircraft Group» kompaniýasy dünýäniň iň uly uçarmansyz uçýan «Lanying R6000» konwertoplan uçaryny hödürledi. 6 tonnalyk bu uçar 2 tonna çenli ýüki götermäge we uçarmansyz hem-de uçarmanly uçuşlary amala aşyrmaga ukyplydyr. Bu Hytaýda öndürilen iň uly uçarmansyz ulag laýneridir.



**Howa şarynda syýahat etdi.** Iňlis zenany Elli Dannington howa şarynda baryp gören ýurtlarynyň sany boýunça dünýä rekordyny täzeledi. Iňlis zenany 20 ýyl bäri howa şarynda syýahat edýär. Özbegistan syýahatçy üçin 118-nji ýurt boldy. Şarda gezelenç eden ýurtlaryň sany boýunça rekord Elliniň merhum adamsyna degişlidir. Ol 128 ýurda baryp görüpdir.



**Kindiwanja kir maşynyny ýasady.** Hindistanly inžener Sebin Saji ululygy bary-ýogy 3,2 x 3,3 x 3,8 santimetre barabar dünýäniň iň kiçi kir ýuwujy maşynyny ýasady. Bu barada Ginnesiň rekordlar kitabynyň saýtynda habar berilýär. Saji maşynyň işleýşini, onuň ýuwmak, durlamak we sykmak tapgyrlaryny ýerine ýetirişini görkezdi.



**5 müň ýyllyk aramgäh tapyldy.** Hytaýyň Henan welaýatynda arheologlar ýaşy 5 müň ýyla deň bolan gadymy aramgähi tapdylar. Aramgäh Şansýu şäheriniň çäginde ýerleşip, Dawenkou medeniýetine degişlidir. Gadymy hökümdaryň depin edilendigi çaklanylýan bu aramgähden 350 töweregi artefakt tapyldy.



**Özboluşly jaý hödürlendi.** «Dodeca Domes» kompaniýasy «Mini Dome» taslamasyny hödürledi. Binagär Joşua Talberg gümmez şekilindäki jaýyň taslamasyny döretdi. 28 inedördül metrlik jaýyň içinde açyk görnüşli 2 gat bolup, onuň her santimetri oýlanyşykly ulanylandyr. Ýaşamak üçin ähli şertler döredilen «Mini Dome»-niň bahasy 15 müň dollar.



**Iň uly jins balagy görkezildi.** Hytaýyň Fumýan şäherinde görkezme hökmünde öndürilen ägirt uly jins balagy ululygy boýunça rekordy täzeledi. Balagyň uzynlygy 76,34 metr, bili 58,164 metre deň diýip, Ginnesiň rekordlar kitabynyň saýtynda habar berilýär. Bu jins balagyny taýýarlamak üçin 18 gün gerek boldy we 30-dan gowrak tikinçi işe çekildi.



**Iň kiçi dinozawr ýumurtgasy.** Hytaýyň Szýansi welaýatynyň Meýlin şäherinde geçirilen gazuw-agtaryş işlerinde dinozawr ýumurtgalaryndan iň kiçisini tapdylar. Diametri 29 millimetr bolan ýumurtganyň teropod dinozawrlaryna degişlidigi öňe sürülýär. Tapyndynyň ýaşy 80 million ýyl diýlip hasaplanylýar.



**Ýürek infarktyny tiz anyklaýan çip.** ABŞ-nyň Jon Hopkins uniwersitetiniň alymlary ýürek infarktyny gan seljermesi arkaly az salymda anyklaýan elektron testi işläp düzdüler. Alymlaryň bellemegine görä, bu usul 5-7 minutda netije berip, bar bolan öňki usullar bilen deňeşdirilende ýokary takyklygy we oňaýlylygy bilen tapawutlanýar.



**Ilkinji gezek satuwda.** Adampisint robot tarapyndan çekilen «Emeli aňyň taňrysy» atly kartina ilkinji gezek Londonyň «Sotheby's» auksion öýünde 31-nji oktýabrda satuwa çykarylar. Bu suratda meşhur iňlis matematigi Alan Týuringiň (1912-1954) portreti şekillendirilen. Kartina 130 müň dollardan 196 müň dollar aralygynda baha kesilýär.



**Taýajyklaryň ýerine yşyk ulandy.** Germaniýanyň Drezden şäheriniň «Sinfoniker» simfoniki orkestri ilkinji gezek robotyň dolandyrmagynda çykyş etdi. Aýdym-saz toparynyň işine 3 elli dirižýor robot «MAiRA Pro S» ýolbaşçylyk etdi. «MAiRA Pro S» atly dirižýor taýajyklaryň ýerine dürli reňkli yşyklandyryjylary ulandy.



## TARYHDA ŞU GÜN

**1990-njy ýylyň 25-nji oktýabrynda SSSR-iň Merkezi telewideniýesiniň Birinji teleýaýlymynda Wladislaw Listýewiň taslamasy esasynda «Pole çudes» (Täsinlikler meýdany) programmasy düşürilip, ertesi güni – 26-njy oktýabrda ýaýlyma berildi. Ilkinji alypbaryjy Listýew we 1991-nji ýylyň 1-nji noýabryndan Leonid Ýakubowiç boldy.**



# Wýetnamyň täze Prezidenti

Wýetnamyň parlamenti Lyong Kyongy ýurduň täze Prezidenti wezipesine saýlady. Bu barada Wýetnamyň habarlar gullugy mälim etdi.

«2024-nji ýylyň 21-nji oktýabrynda, Milli ýygnagyň 8-nji mejlisiniň 15-nji çagyryşynda dolandyryjy Kommunistik partiýanyň Merkezi komitetiniň sekretariatynyň hemişelik agzasy general Lyong Kyongy Wýetnam Respublikasynyň Prezidenti wezipesine saýlady» diýip, Wýetnamyň habarlar gullugy habar berýär.



Mejlisiň gözegçilik komissiýasynyň maglumatlaryna görä, 67 ýaşly Kyongy döwlet Baştutany wezipesine saýlamak kararyna ses bermäge gatnaşan 440 deputatyň hemmesi oňyn ses berdi.

Şu ýylyň maý aýyndan bäri bu wezipäni eýeläp gelýän häzirki döwlet Baştutany To Lam Wýetnamyň dolandyryjy Kommunistik partiýasynyň Merkezi komitetiniň baş sekretary wezipesine 2011-nji ýyldan bäri WKP-e ýolbaşçylyk eden Baş sekretar Nguen Fu Çong aradan çykandan soň bellendi.

Wýetnamda ýokary derejeli ähli ýolbaşçylaryň saýlawlary, şol sanda Prezidentiň, Premýer-ministriň, parlamentiň başlygynyň we Ministrler Kabinetiniň agzalarynyň saýlawlary, Wýetnamyň Konstitusiýasyna laýyklykda, ýurtda iň ýokary edara bolan Kommunistik partiýanyň Milli ýygnagynyň Merkezi komitetiniň Syýasy býurosynyň tekliplerine laýyklykda geçirilýär.

Şol gün Wýetnam Sosialistik Respublikasynyň saýlanan Prezidenti, 67 ýaşly goşun generaly Lyong Kyong Watana, dolandyryjy Kommunistik partiýa we Wýetnamyň halkyna wepaly boljakdygy barada kasam etdi. Döwlet Baştutanynyň kasam kabul edişlik dabarasy Milli ýygnagyň (bir palataly) wekilleriniň ýurduň Prezidentini saýlamak üçin geçirilen ses berişligiň netijeleri yglan edilenden soň geçirildi.

Wýetnam Sosialistik Respublikasy – Hindi-hytaý ýarym adasyndaky Günorta-Gündogar Aziýadaky döwletdir. Günbatarda Laos we Kamboja, demirgazykda Hytaý bilen serhetleşýär, gündogarda we günortada Günorta Hytaý deňzi bilen ýuwulýar. Maglumatlara görä, Wýetnamyň ilaty, takmynan, 100 milliondan gowrak adama deň.

# SUBIANTO KASAM KABUL ETDI

**20-nji oktýabrda Indoneziýanyň täze Prezidenti Prabowo Subianto Jakartada guralan kasam kabul edişlik dabarasynda resmi taýdan wezipesine girişdi. Dabara 33 ýurtdan ýokary derejeli wekiller gatnaşdy. Mundan başga-da, Malaýziýanyň Premýer-ministri Anwar Ibragim, Laosyň, Wýetnamyň, Kataryň, Hytaýyň, Germaniýanyň we beýleki ýurtlaryň ýolbaşçylarynyň wekilleri gatnaşdy.**

**Dabara Jakartadaky Parlament toplumynda geçirildi. Prabowo Subianto we wise-prezident Gibran Rakabuming Raka parlamentiň umumy mejlisinde 2024-2029-njy ýyllar aralygynda döwletiň ilkinji we ikinji adamlary hökmünde kasam kabul etdiler.**

**– Men Indoneziýa Respublikasynyň Prezidentiniň borçlaryny mümkin boldugyça has gowy we adalatly ýerine ýetirjekdigime kasam edýärin. Konstitusiýany goramaga, ähli kanunlary we düzgünleri doly derejede durmuşa geçirmäge, Watana we millete wepaly bolmaga kasam edýärin – diýip, Prabowo kasam kabul edişlik dabarasynda aýtdy.**

**Aprel aýynda Indoneziýanyň saýlaw komissiýasy Prabowo Subiantony Indoneziýanyň indiki Prezidenti diýip mälim etdi. Prabowo 14-nji fewralda geçirilen saýlawlarda sesleriň 60 göterime golaýyny alyp, ýeňiş gazandy.**

**Ol kasam kabul edişlik dabarasynda öňki döwlet Baştutany Joko Widodonyň syýasatyny dowam etdirmekçidigini aýtdy.**



**Indoneziýa Respublikasy Günorta-Gündogar Aziýada ýerleşýän döwlet bolup, 261 milliondan gowrak ilaty bar. Ýurduň paýtagty Jakarta şäheridir. Ýurt 34 sany dolandyryş-çäk birliklerine bölünýär. Ýurt Malaý arhipelagy adalarynda ýerleşip, onuň kenarlaryny Ýuwaş we Hindi ummanlary ýuwýar. Ýurt 1945-nji ýylyň 17-nji awgustynda garaşsyzlygyny jar edýär.**

# SANDU ÖŇDELIGI EÝELEDI

Merkezi saýlaw topary sesleriň 100 göterimi sanalandan soň, ikinji möhlete dalaş edýän Moldowanyň häzirki Prezidenti Maýýa Sandunyň saýlawlaryň birinji tapgyrynda 42,45 göterim ses bilen öňde barýandygyny mälim etdi. Moldowada Prezident saýlawlarynyň birinji tapgyry 20-nji oktýabrda geçirildi.

Merkezi saýlaw topary Sandunyň 42,45 göterim, Sosialistik partiýanyň dalaşgäri Aleksandr Stoýanoglonyň bolsa, 25,98 göterim ses alandygyny habar berdi. Bu dalaşgärleriň ikisi-de 3-nji noýabrda meýilleşdirilýän ikinji tapgyra çykýarlar. Çünki dalaşgärleriň hiç biri-de birinji tapgyrda ýeňiş gazanmak üçin zerur bolan mukdardaky sesi alyp bilmediler. Sandu Ýewropa Bileleşigi bilen ýygjam aragatnaşyklary ýola goýmaga ýykgyn edýär, Stoýanoglo bolsa, şeýle gatnaşyklaryň Moldowanyň beýleki ýurtlar bilen däp bolup gelýän hyzmatdaşlygyna päsgel bermeli däldigini öňe sürýär.

Birinji tapgyryň netijelerine görä, üçünji orny «Biziň partiýamyz» syýasy güýjüniň lideri Renato Usatyý (13,79 göterim), dördünji orny Gagauziýanyň öňki prokurory Irina Wlah (5,38 göterim), bäşinji orny öňki prokuror Wiktoriýa Furtune (4,45 göterim), altynjy we ýedinji orunlary öňki Premýer-ministr Wasiliý Tarlew we Ion Kiku (degişlilikde, 3,19 göterim we 2,06 göterim) eýeleýär.

Şeýle hem 20-nji oktýabrda Moldowanyň Ýewropa Bileleşigine agza bolmagy baradaky sala salşykda raýatlaryň 50,46 göterimi Ýewropa goşulmaga ses berdi, 49,54 göterimi bolsa, garşy çykdy. Sala salşygyň çäginde şeýle soraga jogap bermeli boldy: «Moldowa Respublikasynyň Ýewropa Bileleşigine girmegi üçin Konstitusiýanyň üýtgedilmegini goldaýarsyňyzmy?»



Moldowa Respublikasy Günorta-Gündogar Ýewropada ýerleşýän döwlet bolup, Ukraina we Rumyniýa bilen serhetleşýär. Ýurduň 3 million töweregi ilaty bar.

# BRICS-iň SAMMITI GEÇIRILDI

22-24-nji oktýabr aralygynda Russiýanyň Prezidenti Wladimir Putiniň ýolbaşçylygynda Kazanda BRICS-iň XVI sammiti geçirildi. Bu sammit «Adalatly global ösüş we howpsuzlyk üçin köptaraplaýynlygy güýçlendirmek» şygary astynda geçirildi. Çäkli we giňeldilen görnüşlerde guralan maslahatlaryň dowamynda BRICS ýurtlarynyň ýolbaşçylary global we sebitiň gün tertibiniň möhüm meseleleri, şol sanda, Russiýanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenen hyzmatdaşlygyň esasy ugurlary – syýasat we howpsuzlyk, ykdysadyýet we maliýe, medeni-ynsanperwerlik gatnaşyklary barada özara pikir alyşdylar.

Sammitde birleşmek maksady bilen hyzmatdaş döwletleriň täze kategoriýasyny döretmek arkaly BRICS-iň giňeldilmek meselelerine aýratyn üns berildi. Maslahatda Täze ösüş bankynyň, Işewürler geňeşiniň, Bankara hyzmatdaşlyk mehanizminiň we zenanlar birleşikleriniň başlyklarynyň hasabatlary diňlenildi. Sammitiň netijeleri Kazan sammiti jarnamasynda mälim edildi.

Sammitiň soňky gününde 30-a golaý ýurduň wekilleriniň gatnaşmagynda BRICS+ «autriç» görnüşinde maslahat geçirildi. Olaryň arasynda GDA ýurtlarynyň ýolbaşçylary, Aziýanyň, Afrikanyň, Ýakyn Gündogaryň we Latyn Amerikasynyň köp ýurtlarynyň wekiliýetleri, şeýle-de birnäçe halkara guramalarynyň ýerine ýetiriji edaralarynyň ýolbaşçylary bar.



Sammitiň barşynda taraplar Ýakyn Gündogardaky ýagdaýlar, BRICS ýurtlarynyň we Global Günortanyň bilelikdäki tagallalarynyň durnukly ösüşiň bähbidine edýän täsirleri barada durup geçip, möhüm halkara meseleleri barada pikir alyşdylar.

Şeýle hem Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin sammite gatnaşýan liderleriň ähli bilen ikitaraplaýyn duşuşyklary geçirdi.

# TÄZE KANUN KABUL ETMEKÇI

Fransiýanyň hökümeti 2025-nji ýylyň başynda täze immigrasiýa kanunyny kabul etmekçi. Bu barada hökümetiň resmi wekili Mod Brežon BFMTV teleýaýlymynda mälim etdi.



Bu waka parlamentde we Prezident Makronyň koalisiýasynda çynlakaý maslahatlara sebäp bolan iň soňky immigrasiýa kanunynyň kabul edilmeginden bir ýyl soň bolup geçdi. Şeýlelikde, Marin Le Peniň «Milli bileleşigi» tarapyndan ret edilenden soň tassyklanan 2024-nji ýylyň ýanwar aýyndaky immigrasiýa kanunyndan bir ýyl geçmänkä täze kanun baradaky beýanat mälim edildi.

Hökümet, esasan hem, maşgala ýagdaýlarynda migrant derejesine eýe bolmak hukugyny çäklendirip, kadalaşdyrmak düzgünlerini hasam güýçlendirmekçi. Olar sagçylaryň hödürlän tekliplerine kanuny has laýyk getirmek maksady bilen Konstitusiýa Geňeşi tarapyndan ozal makul görülmedik maddalara täzeden seredерler.

Brežon immigrasiýa meselesinde özüniň berk garaýyşlary bilen tanalýan Marin Le Peniň ýolbaşçylygyndaky «Milli bileleşikden» hökümetiň goldaw soramajakdygyny aýtdy. Muňa derek, ýerine ýetiriji häkimiýetiň täze kanun taslamasy boýunça giňişleýin ylalaşyga gelmek üçin parlament toparlarynyň ähli bilen bilelikde işleşjekdigini aýtdy.



# Albaniýa Bileleşige goşulmakçy

**Lýuksemburgda geçirilen hökümetara maslahatda Ýewropa Bileleşigi Albaniýa bilen ýurduň bileleşige goşulmagy baradaky ilkinji resmi gepleşiklere başlady. Bu barada Wengriýanyň daşary işler we daşary ykdysady gatnaşyklar ministri Peter Siýarto Albaniýanyň Premýer-ministri Edi Rama bilen bilelikde geçirilen metbugat ýygnagynda aýtdy.**

**Daşary işler ministri Albaniýanyň goşulmak baradaky gepleşikleriniň ölçeglere doly laýyk gelýändigini we onuň Ýewropa Bileleşigine kabul edilmeginiň Bileleşigiň ähli agzalaryna peýdaly boljakdygyny aýtdy. Siýarto žurnalistler bilen duşuşygynda:**

**– Biz Günbatar Balkan döwletleriniň hemmesiniň Ýewropa Bileleşigine goşulmagyny tizleşdirmeli – diýip belledi. Ol Wengriýanyň 2024-nji ýylyň ikinji ýarymynda Ýewropa Geňeşine başlyklyk edýän döwründe munuň iň esasy meseleleriň biri boljakdygyny tassyklady.**

**Şol bir wagtyň özünde ministr «munuň uzaga çekýän çylşyrymly proses boljakdygyny» duýdurdy. Albaniýanyň Ýewropa Bileleşigine goşulmagy üçin belli bir wagt kesgitlenmedi. Ýurt 2014-nji ýylyň iýun aýynda Ýewropa Bileleşigine goşulmak üçin resmi dalaşgär derejesini aldy. Ýewropa Bileleşiginiň Geňeşi, 2020-nji ýylyň mart aýynda Albaniýanyň Bileleşige goşulmagy baradaky gepleşiklere başlamagyny makullady. 2022-nji ýylyň iýulynda Albaniýa bilen şeýle gepleşiklere başlandy.**



**Ýewropa Geňeşiniň web sahypasynda habar berlişi ýaly, 2024-nji ýylyň 11-nji oktýabrynda Hemişelik wekiller komiteti Albaniýa üçin ilkinji gepleşik tapgyryny açýan Ýewropa Bileleşiginiň umumy pozisiýasyny kabul etdi. Bu bolsa, Lýuksemburgda Albaniýa bilen hökümetara maslahatyny geçirmäge mümkinçilik berdi. Albaniýa täzeden seredilen usulyýete laýyklykda, dalaşgär ýurtlaryň arasynda Ýewropa Bileleşigine agza bolmak baradaky gepleşiklere ilkinji bolup başlady.**

# GIZADA ULY MÜSÜR MUZEÝI AÇYLAR

**16-njy oktýabrda Giza piramidasynyň golaýynda gurlup ulanmaga berlen Uly Müsür muzeýi (Grand Egyptian Museum) synag hökmünde giň köpçülige hödürlendi. Bu barada muzeýiň resmi web sahypasynda habar berildi. Häzirki wagtda muzeý toplumy resmi taýdan açylmazdan öň, muzeýiň taýýarlygyny synap görmek maksady bilen sergä çäklendirilen giriş hödürlenýär. Bu ýerde esasy galereýa, uly zala, söwda zolagyna we ýanaşyk ýerlerdäki baglara baryp görmek bolýar. Ýöne faraon Tutanhamonyň ajaýyp toplumyna, Hufi piramidasynyň aşagyndan tapylan Gün şekilli gaýyklary synlamaga barmak heniz çäklendirilen.**

**Gurluşygyna 20 ýyldan gowrak öň başlanan Uly Müsür muzeýiniň açylyşy ilkibaşda 2012-nji ýylda meýilleşdirilipdi, ýöne çykdajylarynyň aşa köp bolmagy sebäpli açylyş senesi birnäçe gezek yza süýşürilipdi. Mundan öň Müsüriň Premýer-ministri Mustafa Madbuli bu muzeýiň «Müsüriň bütin dünýä sowgady boljakdygyny» aýdypdy. Golaýda daşary ýurtlaryň köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň žurnalistleri synag açylyşyndan öň muzeýiň zallary bilen tanyş boldular.**

**Gadymyýet we syýahatçylyk ministriniň kömekçisi Al-Taýeb Abbas, muzeýe her gün azyndan 4 müň adamyň gelmegine garaşylýandygyny belledi.**

**– Biz bu ýere gelýänleriň sanyny ýylda 3 milliona ýetirmegi meýilleşdirýäris – diýip, Al-Taýeb Abbas jahankeşdeleriň sanynyň mundan beýläk-de artjakdygyna umyt bildirdi.**

**Müsüriň ýolbaşçylary resmi açylyş dabarasyna gatnaşmaga dünýä liderleriniň birnäçesiniň gyzyklanma bildirýändiklerini habar berdiler.**

**– Resmi açylyşyň senesi ýurduň syýasy ýolbaşçylary tarapyndan kesgitlener – diýip, bellän Abbas muzeýiň açylmaga doly taýýardygyny aýtdy.**

**Gizadaky muzeý tutuş bir medeniýetiň taryhyna bagyşlanan dünýäniň iň uly muzeýleriniň biri bolar. Muzeýiň 50 gektar meýdanynda Gadymy Müsür hakda gürrüň berýän 10 müňlerçe eksponat, şol sanda faraon Tutanhamonyň aramgähiniň hazynasyna bagyşlanan aýratyn zal, abatlaýyş ussahanalary, barlaghanalar, maslahat merkezi, kafeler, garbanyşhanalar we seýilgäh bar. Bu ýere gelip görýänler 1922-nji ýylda ýüze çykarylan Tutanhamonyň aramgähinden tapylan hazynanyň ähli sini görüp bilerler. Bu Faraon täze şalygyň XVIII hanadanlygyna degişli bolup, 3 müň ýyl mundan öň Müsüri dolandyrypdyr.**

**Bilermenleriň aýtmaklaryna görä, Afrika yklymynda şunuň ýaly tutuş bir medeniýete bagyşlanan iri muzeýiň açylmagy, Müsüre gelýän syýahatçylaryň sanynyň has-da artmagyna ýardam berer. Bahasy 1 milliard dollara barabar bolan bu muzeý Giza piramidasynyň golaýynda ýerleşýär. Bu muzeýiň taslamasy Irlandiýanyň «Heneghan Peng» kompaniýasy tarapyndan işlenip düzüldi. Muzeýiň girelgesiniň öňünde Müsür faraony Ramsesiň 3 müň 200 ýyl mundan ozal ýasalan 11 metrlik heýkeli goýuldy.**





# STOKGOLM – demirgazygyň iň owadan şäheri

Şwesiýanyň paýtagty Stokgolm şäheri owadan tebigaty, täsin adalary, reňkli binalary we täsin däpleri bilen görenleri haýrana goýýar. Baltika deňzindäki arhipelagda ýerleşýän bu owadan şäher 14 adany özünde jemleýär. Şol sebäpli bu şähere «Demirgazygyň Wenesiýasy» hem diýilýär. Stokgolm şäheri 1252-nji ýylda esaslandyrylýar. XIII asyryň soňlarynda şäherdäki syýasy işjeňlik ýokarlanyp, Şwesiýanyň esasy şäherine öwrülýär.





Şwesiýanyň günorta-gündogarynda ýerleşýän paýtagt şäheriň özboluşly tebigaty bar. 188 inedördül kilometr meýdany tutýan demirgazyk şäherde tomus aýlary yssy we gijeleri ýagty bolýar. Gyş aýlarynda bolsa howa salkyn, ýagyşly we garly bolýar. Stokgolm şäheri güýz aýlary has hem owadan görnüşe eýe bolýar. Şäheriň medeni seýilgähleri, taryhy ýerleri we owadan künjekleri dynç almak üçin ajaýyp mümkinçilikleri hödürleýär. Şäheriň Waksholm adasynda geçen asyrdan galan agaçdan gurlan öýleri, kafedir restoranlary görmek bolýar. XV asyrda düýbi tutulan «Royal Djurgarden» şäher seýilgähi hem-de «Skansen» üsti açyk muzeý hem şähere barýan syýahatçylarda ýatdan çykmajak duýgulary döredýär. Stokgolma barýan syýahatçylar şäheriň myhmansöýer halkynyň bardygyny belleýärler. Şäheriň 980 müňden gowrak ilaty bolup, özara şwed hem-de fin dillerinde gepleşýärler.

Stokgolm şäheri dünýä derejesindäki muzeýlerinden we taryhy taýdan özüne çekiji köşklerinden başlap, galereýalar we suratkeşlik öýlerine çenli sungatyň we medeniýetiň ajaýyp görnüşini hödürleýär. Milli muzeýde (Nationalmuseum) XVI asyra degişli heýkeltaraşlyk, surat we dürli önümleri öz içine alýan täsirli sungat ýygyndysy görkezilýär. Şäherde Şwesiýanyň iň kämil dizaýnerleri tarapyndan taýýarlanan keramika harytlaryndan başlap, dürli görnüşli dokma önümlerini satýan dükanlary görmek bolýar. Stokgolmyň merkezi köçesi «Strandvägen»-iň ugrunda ýerleşýän «Malmstenbutiken» we «Svenskt Tenn» dükanlary dizaýn muşdaklary üçin nusgawy dükanlar hasaplanýar. Dükanlar bilen bir hatarda Stokgolmyň «süýji» kafe medeniýeti hem bar. Süýji nygmatlar bilen kofe içmegi aňladýan bu däp şwedleriň dilinde «fika» diýlip atlandyrylýar. Bu däp ýerli kafelerde has meşhur bolup, Stokgolma barýan syýahatçylar hökmany suratda «süýji» kafelerde myhmançylykda bolýarlar.

# Demir ýetmezçiliginiň alamatlary

Adam bedeni üçin zerur elementleriň biri bolan demir gemoglobin öndürmekden başlap, immuniteti kadaly derejede saklamaga öz täsirini ýetirýär. Demir ýetmezçiligi saglyk bilen bagly birnäçe alamatlary ýüze çykarýar. Agşam dynç alynýan wagty aýakda agyrylaryň peýda bolmagy, fiziki ukyplaryň peselmegi, beýniniň işiniň bozulmagy we ýürek-damar ýetmezçiligi munuň esasy alamatlary bolup, demir ýetmezçiliginiň wagtynda öňüni almaga tagalla etmeli.

Ilkibaşda bedenimizde demir ýetmezçiligini duýmak we onuň alamatlaryny ýüze çykarmak kyn. Sebäbi bedenimiz demir ýetmezçiliginiň öwezini dolup, ganazlyk alamatlarynyň ýüze çykmagyny gijikdirip biler. Şeýledigine garamazdan, demir ýetmezçiliginden habar berýän saçdaky we dyrnakdaky üýtgeşmelere, deriniň guramagy, dodagyň ýarylmagy, dilde ýaranyň hem-de kesikleriň peýda bolmagy, tagam alşyň peselmegi, başaýlanma, titreme, gowşaklyk we dowamly ýadawlyk ýaly käbir alamatlara üns bermeli.

**Nädip öňüni almaly?**

Demir ýetmezçiliginiň öňüni almak üçin, ilki bilen, iýmitleniş endiklerine üns bermeli we iýmit sanawyna käbir üýtgeşmeleri girizmeli. Esasan hem, et, balyk, bagyr, ýumurtga, alma, guradylan ir-iýmişler, ysmanak, fasol, brokkoli, hoz, bal, gara şokolad ýaly demre baý iýmitleri köpräk iýmeli. Mundan başga-da, demre baý iýmitleriň siňmegini aňsatlaşdyrýan apelsin şiresi, limonad ýaly C witamine baý içimlikleri içmeli.




**Nädip bejermeli?**

Demre baý iýmitleri ýeterlik derejede iýmezlik, berhiz saklamak we her gün aşa köp çaý hem-de kofe içmek bedende demir ýetmezçiligine sebäp bolýar. Demir ýetmezçiligi göwreli we çagasyny ene süýdi bilen iýmitlendirýän zenanlarda, 65 ýaşdan uly adamlarda, 1-2 ýaşly bäbeklerde, diňe gök önümler bilen iýmitlenýän adamlarda has ýygy duş gelýär.

Demir ýetmezçiliginden şübhelenýän bolsaňyz, maşgala lukmanyna ýüz tutmaly. Degişli barlaglar geçirilip, sebäpleri anyklanandan soň, lukmanyň maslahat bermeginde degişli bejergini almaly. Eger-de demir ýetmezçiliginiň sebäbi iýmitleniş bilen bagly bolsa, düzüminde köp mukdarda demir saklanýan iýmitleri iýmek maslahat berilýär. Demir ýetmezçiliginden ejir çekýän adamlara nahardan soň çaý, kofe ýaly demriň siňdirilmegini azaldýan içgileri içmek maslahat berilmeýär.

# Üstünlik we bagtlylyk

**Hemmämiz öz öňümizde maksat goýup, üstünlik gazanmak isleýäris. Köpler iş karýerasynda, köpimiz durmuşda we käbirimiz bolsa şahsy ösüşde üstünlik gazanmaga synanyşýarys. Ýöne köplenç, üstünlige eltýän ýoldan barýarkak bir zady unudýarys. Oňa bagt diýilýär. Eýsem, üstünlik gazanmak adamy bagtly edýärmi?! Üstünlik bilen bagty nädip deňagramly saklamaly?!**



**Üstünlik bagt getirýärmi?**

Köpimiz üstünlik gazananymyzda bagtly bolarys diýip pikir edýäris. Göwnejaý iş, ýeterlik maddy serişde, hormat-sylag, abraý... bularyň hemmesine ýetenimizde bagty gazanjakdygymyza ynanýarys. Emma bular bagt getirýän ýeke-täk faktorlar däl. Geçirilen barlaglaryň netijesine görä, köp adamyň üstünlik gazanyp maksadyna ýetendigine garamazdan, özüni bagtly duýmaýandygy bellenilýär. Bilermenler bagty işden, maddy şertlerden däl-de, özüňden gözlemelidigini belleýärler. Bagt üstünlik bilen gazanylýan zat däl-de, öz içimizden tapmaly kanagatlanma duýgusydyr.

Durmuşda, ilki bilen, her bir zadyň oňaýly tarapyny görmeli we özüňi bagtly duýmaly. Bagt bilen ýetilýän üstünlikleri deňagramly ýagdaýda saklamagy başarmaly. Adam kalbynda rahatlyk we kanagatlanma duýsa, özüni bagtly duýýar. Şol sebäpli ýetilen kiçijik üstünlige hem kanagatlanma bilen seretmeli. Eden işiňden, ýeten maksadyňdan we daş-töweregiňden lezzet almaly. Şeýle ýagdaýda adam özüni üstünlikli hem-de bagtly duýup biler.

# Awtoulagyňyzyň guratlygyny ünsden düşürmäň!

**Ýol hereketiniň howpsuzlygyny berjaý etmek üçin, ilki bilen, awtoulagyň guratlygyny gözden geçirmeli. Howanyň sowap başlamagy bilen, awtoulagda käbir näsazlyklar ýüze çykyp biler. Şol sebäpli ýollarda howpsuz hereketi üpjün etmek üçin awtoulagda bejeriş işlerini geçirmeli.**

☑ Ulagyň tigirlerini (ätiýaçlykdaky hem degişli) yzygiderli barlamaly. Howa basyşynyň nädogry bolmagy ulagy dolandyrmakda kynçylyk döredip biler we ýangyjyň sarp edilişine ters täsir edip biler. Ýagyşly, sürçekli howada könelen tigirli awtoulagy sürmek howpludyr. Howpsuzlyk we ygtybarlylyk üçin möwsümleýin tigirleri ulanmak iň gowusydyr.

☑ Awtoulagyň çyralarynyň dürs işlemegi, esasan hem, ýagyşly we ümürli howada çyralaryň gurat bolmagy howpsuz hereket üçin ähmiýetlidir. Ulagyň ähli çyralaryny gözden geçiriň, näsazlyk bar bolsa, gyşdan öň bejertmegiň ugruna çykyň! Esasan hem, duýduryjy we duruzyjy bilen baglanyşykly çyralaryň utgaşykly işlemegine üns beriň!



☑ Güýz we gyş paslynda köplenç ýagynly howada awtoulag sürýändigiňizi ýatdan çykarmaň! Şeýle howada awtoulagyň süpürgiçleri iň möhüm kömekçilerdir. Şonuň üçin ulagyň süpürgiçleriniň dürs işlemegine yzygiderli gözegçilik etmeli. Süpürgiçleriň rezinlerini her alty aýdan çalşyp durmaly.

☑ Hereketlendiriji üçin ýagyň ähmiýeti örän uludyr. Ýola çykmazdan ozal, hereketlendirijidäki ýagyň derejesini barlamaly we wagty gelende çalşyp durmaly. Awtoulagy az ýagly ýa-da wagty geçip hapalanan ýag bilen sürmek howply bolup, dürli näsazlyklara sebäp bolup biler.

☑ Howa süzgüçleri hereketlendirijidäki hapalanan howany daşaryk çykaryp, ulagyň netijeliligini ýokarlandyrýar we ýüze çykyp biläýjek näsazlyklaryň öňüni alýar. Şol sebäpden, awtoulagyň howa süzgüçlerini yzygiderli barlap durmaly we wagty gelende arassalamaly ýa-da çalyşmaly.

☑ Sowuk howada awtoulagyň doly we dogry işlemegi üçin ulagyň talap edýän suwuklyklaryny wagtynda guýup durmaly. Esasan hem, gyşda awtoulagyň radiatoryndaky suwuklygy (antifriz) we süpürgiçdäki suwy ýeterlik hem-de möwsüme görä guýmaly.

## ÇAGALAR

**Uzynlygy 50 santimetre, agramy 2,5 kilograma ýetýän piraputanga balyklary suwdan 1 metre çenli beýiklige böküp, miweleri ýolup alýarlar.**

# Sapaklara netijeli taýýarlanmak üçin

**Käbir ýagdaýlarda sapaklara taýýarlanylanda ýa-da özbaşdak täze bir zat öwrenilende köp wagt sarp edendigimize garamazdan, gowy netije alyp bilmeýäris. Wagt geçip dur. Okuw derslerine taýýarlanmak bilen bir hatarda öý işlerine ýetişmeli, sport bilen meşgullanmaly we dostlaryňa hem wagt aýryp ýetişmeli. Eýsem, sapaklara taýýarlanylanda, wagty nähili peýdalanmaly, nädip gowy netije almaly?! Bu o diýen kyn däl. Munuň üçin şu şertleri berjaý etmek ýeterlik.**



☑ Sapaklara netijeli taýýarlanmak üçin öňüňde maksat goýmaly. Birbada birnäçe zady, gönükmeleri ýa-da mysallary ýerine ýetirjek bolup, höwesiňi gaçyrmaly däl. Sapaklardan berlen öý işlerini her gün yzygiderli ýerine ýetirmeli.

☑ Okamak, ýazmak ýa-da öý işine taýýarlanmak üçin ýagty we howasy kadaly derejedäki ýer saýlamaly. Şeýle hem sapaklara taýýarlanýan ýeriňizde ünsüňizi sowjak zatlar bolmaly däl. Maşgala bolup dynç alynýan otagda ýa-da aşhanada öý işlerine taýýarlanmakdan saklanmaly.

☑ Eger-de her gün şol bir ýerde kitap okamak siz üçin içgysgynç bolsa, daşarda, howluda, bagyň aşagynda ýa-da basgançaklarda oturyp hem kitap okap bilersiňiz.

☑ Öýe berlen ýumuşlara taýýarlanýan wagtyň çalt ajygýandygyň sebäpli, çalt özleşýän tagamlary, miwedir şerbetleri içip bilersiňiz. Ýöne tiz taýýar bolýan tagamlardan, şekerli iýmitlerden we gazlandyrylan içimliklerden gaça durmaly.

☑ Öý işlerine taýýarlanýan wagtyňyz hem edil mekdepdäki ýaly arakesme etmegi ýatdan çykarmaň! Uzak wagtlap stoluň başynda oturmak saglyga hem-de ünsüňi okuwa jemlemäge oňaýsyz täsir edip biler. Şol sebäpli mahal-mahal ýeriňden turup, gezmeläp, penjiräni açyp, arassa howadan dem almaly.

☑ Täze bir zady öwrenmek üçin iň peýdaly usullaryň biri bellik etmek hasaplanýar. Täze tehnologiýalar, öwrenmegiň täze usullary peýda bolsa-da ýazyp öwrenmek täsirliligini saklap galýar. Täze sözleriň manysyny öwrenmek, bilmeýän zadyňy ýazyp bellik etmek has netijeli öwrenmäge ýardam edýär.

☑ Her bir zady wagtynda öwrenmegiň, sapaklary öz deňinde özleşdirmegiň aňsatdygyny unutmaň! Geçilen sapagy we berlen öý işini şol gün gaýtalamak hem-de ýerine ýetirmek has gowy özleşdirmäge ýardam edýär.

# Miwe iýýän balyk



**Merkezi we Günorta Amerikada, Meksikanyň günortasyndan Argentinanyň demirgazygyna çenli süýji suwda duş gelýän täsin balyklaryň biri hem piraputangadyr. «Miweçil balyk» ady bilen tanalýan bu balygyň esasy iýmiti miwe, ir-iýmişleriň we ösümlikleriň tohumy bolup, käte oňurgasyz jandarlar bilen hem iýmitlenýärler. Piraputanga balygy iýmitlenmek üçin täsin hereketleri edýär. Bu balyklar agaçlaryň suwa tarap eglip duran şahalaryna böküp, miwesini ýolup alýarlar. Piraputanga balykçylyk pudagynda esasy orny eýeleýär. Gyzyl etli, süýji tagamly bu balyklar Braziliýanyň Amazon basseýninden iň köp tutulýan balyklaryň arasynda bäşinji orny eýeleýär. Belläp geçsek, Amazon tokaýlygynyň köp bölegi suw bilen gurşalan bolup, tokaýyň we basseýniň esasy bölegi Braziliýada ýerleşýär.**

**Piraputanga sözi ýerli dilde «miwäni iýýän balyk», «gyzyl balyk» diýen manylary berýär. Çüýşe ýaly dury süýji suwda ýaşaýan bu balyklar suwuň aşagyndan tutjak bolýan miwesine tarap okdurylýarlar. Balykçylaryň arasynda «akrobat balyklar» adyny alan piraputangalaryň uzynlygy adatça 50 santimetre, agramy 2,5 kilograma ýetýär. Ýiti dişli bu balygyň eňegi güýçli myşsalar bilen hereket edýär. Piraputangalar suwdan 1 metre çenli beýiklige böküp, miweleri ýolup alýarlar. Ýer ýüzünde ýeke-täk ýerüsti ir-iýmişler bilen iýmitlenýän, uzak aralyga bökmäge ukyply bu balyklary tutmak aňsat däl. Piraputanga balyklary häzirki wagtda suw howdanlarynda hünärmenler tarapyndan goralyp, ýörite köpeldilýär.**

# Ýyldyrym agajy urýarmy?

**Ýyldyrymyň çakmagy tebigy hadysalaryň içinde iň täsini hasaplanýar. Ýagyn, harasat, «deprekli mamanyň» gümmürdisi we asmanda birden peýda bolýan şaha-şaha şöhleler – bular ýaz we güýz aýlarynda bolup geçýän tebigy hadysalardyr. Eýsem, ýyldyrymyň çakmagy tebigat üçin howplumy? Ýyldyrym agaçlara täsir edýärmi?**



**Agaç düzüminde köp mukdarda suwuň saklanýandygy sebäpli ýyldyrymy özüne çekýär. Ýyldyrym çakanda agajyň gabygynda elektrik garşylygy döreýär. Elektrik garşylygy agajyň daşky gatlagy bilen içki böleginiň arasynda güýçli gyzgynlyk döredip, ýarylmagyna sebäp bolýar. Käte agajyň gabygynyň arasynda bug gatlagy emele gelende, agajyň pytramagy ýaly hadysa hem bolup geçýär. Ýagynly howada, ýagny agajyň daşy çygly bolsa, ýyldyrym agaja az zyýan ýetirýär. Käte ýyldyrym çakanda agajyň ot alýandygyna hem duş gelip bolýar. Bu hadysa agajyň gurulygyna, berkligine we ýyldyrymyň düşen ýerine baglylykda üýtgeýär.**

**Bilermenler ýyldyrym çakanda goranmak ýa-da bukulmak üçin agajyň aşagyna barmaly däldigini belleýärler. Esasan hem, aşagynda suw ýygnanan agaçdan gaça durmalydygyny belleýärler. Sebäbi çygly agaç ýa-da aşagy yzgarly agaçly meýdan ýyldyrymdan gelýän elektrik toguny ýere geçiriji bolup hyzmat edýär. Ýyldyrymyň çakmagy we agaja täsir etmegi, onuň aşagynda duran janly-jandarlara howp salyp bilýär. Şol sebäpli ýyldyrym çakanda agaçlardan uzakda durmaly.**

### Şekilli sudoku

**Şekiller öýjükleriň içine ýerleşdirilende dikligine we keseligine biri-birine gabat gelmeli däl. Ýagny bir şekil iki gezek gaýtalanmaly däl.**



### Sanlary birleşdirip, şekili reňkläň!



### Labirint



### 7 tapawudy tapyň!



### Gyzykly pursat







# «Ýüzükleriň hökümdary» ESERI BOÝUNÇA TÄZE FILM

Iňlis ýazyjysy J.R.R. Tolkieniň «Ýüzükleriň hökümdary» (The Lord of the Rings) eserler toplumy kino sungatyna çeşme bolmagyny dowam edýär. 2000-nji ýyllaryň hem-de 2010-njy ýyllaryň başlarynda Piter Jekson tarapyndan surata düşürilen «Ýüzükleriň hökümdary» hem-de «Hobbit» filmler toplumynyň hataryna ýene biri goşular. «Warner Bros.» bilen «Discovery Inc.» kompaniýasynyň birleşmeginden soň bilelikdäki täze studiýa «The Hunt for Gollum» atly filmi surata düşürer. Filmiň beýleki bir öndürijisi-de «New Line Cinema» studiýasy bolar. Adyndan hem belli bolşy ýaly, täze filmde Gollumyň başdan geçirmeleri barada söhbet açylar. Filme «Ýüzükleriň hökümdary» filmlerinde Gollumy janlandyran Endi Serkis režissýorlyk edip, onuň özi ýene-de Gollumyň keşbini ýerine ýetirer. Piter Jekson täze filmde taslamanyň umumy jogapkäri wezipesini ýerine ýetirer. Täze zelandiýaly halypa režissýor näme üçin Gollumy saýlandyklary barada «Deadline» neşirine beren beýanatynda şeýle belläp geçýär:

— Gollum ýa-da Smegol gahrymany meni hemişe özüne çekýär. Gollum adamzadyň tebigatynda bar bolan ýaramaz häsiýetini, Smegol bolsa gowy tarapyny aňladýar. Hem okyjylar, hem-de tomaşaçylar üçin özbolușly eser gahrymany. Sebäbi hemmämiziň tebigatymyzda ikisinden hem bar. Biz täze filmde Gollumyň ýa-da Smegolyň öňki kinolarymyzda açyp görkezip bilmedik häsiýetlerini, başdan geçirmelerini seljermekçi bolýarys. Onuň bu başdan-geçirmesinde kimleriň boljakdygy häzirlikçe doly belli däl, ýöne biz ýene-de jenap Tolkienden ylham alarys. Täze filmde-de Gollumyň hekaýasyny Serkisden gowy janlandyrjak, ony täzeden keşbe saljak ökde artist ýok.

Täze taslama 2 bölümden ybarat bolup, onuň birinjisi 2026-njy ýylda ekranlara çykar. Bu kinoda Gollumdan başga-da, Gandalf, Aragorn, Legolas ýaly kino muşdaklaryna ozaldan tanyş bolan gahrymanlaryň hem dolanyp gelmegi mümkin. Hatda häzirki wagtda Gandalfyň keşbi üçin ozal bu keşbi ýerine ýetiren Iýn Makkellen bilen gepleşikleriň geçirilýändigi habarda bellenilýär. Täze taslamada ozalkylar ýaly Fran Wolş bilen Filippa Boýens ýene-de ekran eseriň edebi esasyny ýazarlar.

Ýeri gelende bellesek, şu ýylyň 13-nji dekabryndan «Ýüzükleriň hökümdary» eseri esasynda «New Line Cinema» studiýasynyň önümi bolan «The Lord of the Rings: The War of the Rohirrim» atly animasiýa kinoteatrlarda görkezilip başlanar.




# 12 ýylda 12 milliard dollar gazanyldy

Kino sungatynyň merkezi hasaplanýan «Hollywood»-yň iň uly studiýasy bolan «Disney» kompaniýasy «Star Wars» markasyny 2012-nji ýylda 4 milliard dollara satyn alypdy. Şondan bäri, ýagny 12 ýylda «Disney» kompaniýasynyň «Star Wars» markasyndan 12 milliard dollar gazanandygy habar berildi. Bu barada «The Hollywood Reporter» giňişleýin hasabaty öz okyjylaryna ýetirdi. «Disney»-iň bu gazanjynyň esasyny «Ýyldyz söweşleri» filmleriniň petekleri, şol sanda dürli görnüşdäki oýnawaçlaryň satuwy hem-de «Star Wars» seýilgähleri emele getirýär. Mysal hökmünde-de, habarda «Disney»-iň ilatyň iň köp gelim-gidimli nokatlarynyň hatarynda bolan ABŞ-daky «Star Wars» seýilgählerinde 1,2 million sany yşykly gylyç oýnawajynyň satylandygy görkezilýär.

«Disney» şereketiniň garamagynda Deýw Filoni, Jeýms Mangold, Şawn Lewi, Jon Fawro ýaly režissýorlar tarapyndan «Star Wars» älemine degişli 10-a golaý täze filmiň taslamasy bolup, olary öňümizdäki ýyllarda ekranlaşdyrmak göz öňünde tutulýar. Şolaryň ilkinjisi Jon Fawronyň «The Mandalorian and Grogu» atly filmi 2026-njy ýylyň 22-nji maýynda ekranlara çykarylar. Şol sanda «Disney» tarapyndan Deýzi Ridliniň baş keşpde surata düşjek «New



Jedi Order» filmini hem 2026-njy ýylda prokatlara ýaýratmak maksat edinilýär.

Şeýle-de şu ýylyň 3-nji dekabrynda «Skeleton Crew» atly serial hem kompaniýanyň wideo platformasy «Disney Plus»-da görkezilip başlanar. Serialyň uly girdeji getirmegine garaşylýar.

«Star Wars» markasy meşhur režissýor Jorj Lukas tarapyndan 1977-nji ýylda esaslandyrylypdy. Häzirki güne çenli «Ýyldyz söweşleri» ady bilen 11 film ekranlaşdyryldy. Şolaryň 5-si markanyň «Disney» tarapyndan satyn alynmagyndan soň surata düşürildi.

## Belli roman ýene bir gezek ekranlaşdyrylar

Iňlis edebiýatynyň görnükli wekillerinden Emili Bronteniň meşhur eseri «Güwwüldili depeler» (Wuthering Heights) ýene bir ýola ekranlaşdyrylar. Bu gezekki filmi «Promising Young Woman», «Saltburn» kinolary bilen adygan 39 ýaşyndaky oskarly zenan režissýor Emerald Fennell surata düşürer. Filmde baş keşpleri Margo Robbi bilen Jeýkob Elordi janlandyrar. Olaryň ikisi «Barbi» filminde-de bilelikde surata düşüpdiler. Ýazyjynyň bu eseri esasynda ozal 7-8 film ekranlaşdyrylyp, olaryň arasynda 1939-njy ýylda surata düşürilen kino Oskara hem dalaşgär görkezilipdi. Eser esasynda 1992-nji ýylda erkanlaşdyrylan film has meşhurlyk gazanyp, onda Juliett Binoş bilen Raýf Faýnz esasy keşpleri ýerine ýetiripdi. Täze filmiň surata düşüriliş işlerine 2025-nji ýylyň ýazynda Angliýada başlanar.



## Meşhur eseriň serialy surata düşüriler

Meşhur ýazyjy Jeýn Ostiniň 1813-nji ýylda ýazan belli eseri «Abraý we ýalan ynam» (Pride and Prejudice) romanynyň ýene bir gezek serialy ekranlaşdyrylar. Dürli döwürlerde ençeme sapar filmi surata düşürilen ekran eseri «Netflix»-iň önümi bolar. Serialyň ssenarisini «Söýgi hakda hemme zady bilýärin» (Everything I Know About Love) atly kitabyň awtory Dolli Alderton ýazar. Haýsy aktýordyr aktrisalaryň surata düşjekdigi, şol sanda seriala kimiň ýa-da kimleriň režissýorlyk etjekdigi häzirlikçe belli däl.




Bu meşhur eseriň serialy telim gezek ekranlaşdyryldy. Şol sanda 1940-njy we 2005-nji ýyllarda-da eseriň filmi halka ýetirilipdi. Jou Raýtyň režissýorlyk eden 2005-nji ýyldaky filmde Kira Naýtli, Mattýuw Makfadýen baş keşplerde surata düşüpdi.

## 20 ýyldan soň 3-nji kino

Oskarly aktrisa Enn Heteweý 3-nji gezek Miýa Termpolis atly gahrymanyň keşbini janlandyrmaga taýýarlyk görýär. Ýagny 20 ýyldan soň «Şa gyzynyň gündeligi» (The Princess Diaries) filmleriniň 3-njisi ekranlaşdyrylar. «Raýa we soňky aždarha» animasiýasynyň ssenariçisi hem-de «Joy Ride» filmini surata düşüren Adel Limiň režissýorlyk etjek kinosyna ozalky filmlerdäki ýaly Debra Martin Çeýz prodýuserlik eder. Filmiň ssenarisini Flora Grison ýazar. 3-nji kinonyň temasy barada resmi beýanat bolman, ozalky kinolaryň dowamy bolmagyna garaşylýar. Juli Andrýuwsyň 3-nji filmde surata düşüp-düşmejekdigi häzirlikçe belli däl. Önümçiligine başlanan filmiň haçan ekranlara çykjakdygy öňümizdäki günlerde kesgitlener. Filmiň ilkinjisi 2001-nji ýylda ekranlara çykyp, ol aktrisa Enn Heteweýe uly şöhrat getiripdi. 2-nji film bolsa 2004-nji ýylda görkezilipdi.



## Filmiň ady mälim edildi

Jeki Çan hem-de Ralf Makkionyň bilelikde surata düşýän «Karateçi çaga» filminiň täze nusgasynyň ady resmi ýagdaýda mälim edildi. Şoňa görä, filme «Karateçi çaga: rowaýatylar» (Karate Kid: Legends) diýlip at goýuldy. «Sony Pictures» studiýasynyň önümi bolan ekran eserine Jonatan Entwisl režissýorlyk eder. Geljek ýylyň 30-njy maýynda ekranlara çykaryljak filmde Jeki Çan hem-de Ralf Makkiodan başga-da Ben Wan, Joşua Jekson, Şaunette Renee Wilson, Sadie Stenli ýaly artistler dürli keşpleri ýerine ýetirer. 100 million dollar býujetli filmde Li Fon atly hytaýly söweş sungatlaryny öwreniji türgeniň başdan geçirmeleri barada söhbet açylýar.




## Täze film

**Ady:** «Wenom: soňky tans» (Venom: The Last Dance); **Režissýory:** Kelli Marsel; **Keşplerde:** Tom Hardi, Çiwetel Ežiofor, Jun Templ, Ris Aýfans, Peggi Lu, Alanna Ýubah, Stefen Grem; **Ssenariçi:** Kelli Marsel; **Prodýuseri:** Awi Arad, Matt Tolmak, Emi Paskal, Kelli Marsel, Tom Hardi, Hatç Parker; **Kompozitory:** Dan Dikon; **Öndüriji:** «Columbia Pictures», «Marvel Entertainment», «Arad Productions», «Matt Tolmach Productions», «Pascal Pictures», «Hutch Parker Entertainment», «Hardy Son & Baker»; **Paýlaýjy:** «Sony Pictures Releasing»; **Dowamlylygy:** 110 minut; **Görnüşi:** ylmy-fantastik, uruşly; **Ýurdy:** ABŞ; **Dili:** iňlisçe; **Býujeti:** 110 million $.




«Sony» bilen «Marvel»-iň bilelikdäki taslamalarynyň biri bolan «Wenom» filminiň iň soňkusy, ýagny 3-njisi şu günden başlap, tutuş dünýäde kinoteatrlarda görkezilip başlanar. «Wenom: soňky tans» diýlip atlandyrylýan bu filme ýene-de Kelli Marsel režissýorlyk edip, ekran eserinde baş keşbi Tom Hardi janlandyrýar. 110 million dollar býujetli filmde Wenom bilen Eddiniň soňky gezek birek-birege garşy göreşi dogrusynda gürrüň berilýär.



**KESELIGINE:** **1.** Alym, ylymly. **4.** Oňat, gowy. **8.** Bir zadyň biri-birine birleşdirilen ýeri. **11.** Tikenli ösümlik we onuň tiken görnüşli ösüntgisi. **12.** Sport esbaby. **13.** Gyz dogan. **14.** Atmosfera basyşyny ölçeýji enjam. **15.** Görmegeý, owadan. **16.** Uklaman ýatan. **17.** Düwme, sadap. **18.** Döredijiligiň esasy mazmuny. **20.** Berk. **22.** Adamlarda we jandarlarda iýmit siňdirýän agza. **25.** Tagam. **27.** Aýynyň bir görnüşi. **28.** Ulumsy, gopbamsy. **30.** Çörek. **31.** Oglan ady. **33.** Ýyrtyjy jandar, hyrs. **35.** Pul serişdelerini saklaýan we dürli maliýe amallaryny geçirýän edara. **36.** Suwuň, howanyň we ş.m. akýan ugry. **39.** Edep-ekram. **41.** Iň güýçli zäherli gögümtil ýylan. **42.** Mal iými üçin ekilýän uzyn, ownujak ýaprakly, mawy gülli köpýyllyk ot. **43.** Ümlük. **44.** Materik. **45.** Tutanýerli, anyk çözgütli. **46.** «Ruçka» sözüniň iňlisçesi. **47.** «Bu sähra, bu ... bejerýär bizi» (G. Ezizow). **48.** Köp gepleýän, geplemsek.

**DIKLIGINE:** **2.** Ýüpegi saramak, keleplemek üçin ýönekeý el guraly. **3.** Italýan saz guraly. **5.** Saz guraly. **6.** Doňdurup barýan aýaz, sowuk. **7.** Gadymy grek mifologiýasynda titan. **8.** Gadymy italýan gyzyl şaýylygy. **9.** Çehiýanyň paýtagty. **10.** Oglan ady. **19.** Şerigata esaslanyp, dawa çözýän adam. **20.** Hindi sosial gatlagynyň biri. **21.** Himiki element. **23.** Şu wagtky, häzirki. **24.** Tahýanyň depesine keşdelenip salynýan nagyş. **25.** Bar bolan mal-mülk, baýlyk. **26.** Derýa ýakalarynda ösýän, söwüde meňzeş agaç. **29.** Aşhana guraly. **31.** Aziýada bir döwlet. **32.** Merkezi Amerikada bir döwlet. **34.** Orta Aziýanyň unaşa meňzeş etli nahary. **35.** Böwet, kynçylyk. **37.** Kompýuter ekrany. **38.** Jomart, sahy. **39.** Gural. **40.** Oguz hanyň ogullarynyň biri.

**51-nji KROSSWORD**

**Perhat BEKGIÝEW,** *Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň talyby.*

50-nji krosswordyň jogaby:



44-nji skanwordyň jogaby:





**DIKLIGINE:** **1.** Ukrain kelemli çorbasy. **2.** Äşgär. **3.** Agyry, ynjy. **4.** Miwe. **5.** Epin, eplem. **6.** Gelin-gyzlaryň iki çekgesinden towlap goýberýän saçy. **7.** Harp ölçegi. **12.** Özbegistanyň Horezm welaýatynda ýerleşýän şäher. **13.** Endik, gylyk-häsiýet. **14.** Däneli ekin. **15.** «... semrese, eýesini deper» (nakyl). **16.** Daş-töweregini suw gurşap alan gury ýer bölegi. **19.** Aşgarly metallaryň ikili kükürt turşy duzy. **21.** Aziýanyň merjen şäheri. **24.** Gadymda geýlen bezegli täç. **26.** Ýanýan otdan ýalpyldap, syçrap gidýän owunjak bölejikler. **27.** Bir ähmiýetli habary halk köpçüligine gaty sesli gygyryp habar berýän adam. **29.** Hile, ýalan söz. **30.** Düýp, teý. **31.** Jyňňyrdar ýaly içinden dil asylyp goýlan çowlurak enjam. **34.** Niýet. **35.** Köp ulanylyp dargan, çagşan. **36.** Erkin. **37.** Ýüpek gurçugyndan alynýan önüm. **38.** «Gahar öňden ýörär, ...-yzdan» (nakyl). **39.** ...-jyns. **44.** Ejeň ejesi. **45.** Behişt. **46.** Şwesiýanyň aşhana enjamlaryny öndürýän kompaniýasy. **48.** Gowaçanyň heniz açylmadyk gunçasy. **49.** Göni bolmadyk, gyşyk. **50.** «... başy dumansyz bolmaz, är başy – hyýalsyz» (nakyl). **51.** Konditer önümlerini öndürýän türk kompaniýasy.

**KESELIGINE:** **2.** Gutap bişirilip iýilýän otlaryň biri. **8.** Her hili agaçlar gögerip oturan, giden agaçlyk meýdan. **9.** Ýyldyzlar toplumy. **10.** Ekizleriň biriniň ady. **11.** Gäminiň bir görnüşi. **14.** Aýlaryň biri. **17.** Gatan, buza öwrülen. **18.** Öýüň hatyraly hasaplanýan tarapy. **20.** Bolup geçen hadysa. **22.** Çörek önümi. **23.** Kakaň kakasy. **25.** Uzyn ýasyja ýaprakly, turşumtyk iýilýän ot. **28.** Gawundan taýýarlanýan önüm. **32.** Koreý tehnologiýa kompaniýasy. **33.** Meşhur futbolçy. **34.** Içi boş, palak. **36.** «Bilbil» lakamly şahyr. **38.** Zäher. **40.** Iri şahly öý jandary. **41.** Gapy, girelge. **42.** Dört çaryýarlaryň biri. **43.** Beden synasy. **44.** Oglan ady. **47.** Mähelle, märeke. **50.** Boglan, daňlan bogy. **52.** Gyz ady. **53.** Atlar maşgalasyndan bolan alabeder jandar. **54.** Kosmetik serişdelerde ulanylýan gül.

**52-nji KROSSWORD**

**Meňli ATAMYRADOWA,** *Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.*

# 9 GOLLY DUŞUŞYKDA «AL HILAL» ÝEŇIŞ GAZANDY

AFK Çempionlar Ligasy Elite ýaryşynda 3-nji duşuşyklar geçirilip, Günbatar sebitinde geçen möwsümiň çempiony «Al Ain» (BAE) öz meýdançasynda «Al Hilal» (S. Arabystany) bilen duşuşdy. Çekeleşikli we dartgynly geçen oýunda 9 gol hasaba alyndy. 5–4 hasabynda «Al Hilalyň» ýeňşi bilen tamamlanan duşuşykda her topardan 1 futbolçy het-trik etdi. 82-nji minutdan soň 1 oýunçy kem oýnan «Al Hilalyň» gollaryny Renan Lodi (26), Sergeý Milinkowiç-Sawiç (45+2) hem-de Salem Al-Dawsari (45+5, 65, 75) geçirdi. Argentinaly Hernan Kresponyň şägirtlerindenem Sufian Rahiminiň het-trigi hem-de Mateo Sanabriýanyň goly ýeňşe ýetmedi. Duşuşygyň 77-nji minutynda «Al Hilalyň» braziliýaly ýyldyz oýunçysy Neýmar hem 370 günden soň meýdança dolandy. Iki topar geçen möwsümde hem ýarym finalda duşuşypdy we Sufian Rahimi şol oýunlaryň birinjisinde hem het-trik edipdi. Şonda «Al Hilal» 4–2 hasabynda utulyp, olaryň 32 oýunlap dowam eden ýeňişli ýörişi tamamlanypdy.



«Al Nassr» topary myhmançylykda Eýranyň «Esteglal» toparyny Emerik Laportyň 81-nji minutdaky goly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Ispaniýaly goragçy Laport ilki milli ýygyndyda, soňra milli çempionatda, bu gezegem yklym ýaryşynda – bassyr 3 duşuşykda-da tapawutlanmagy başardy.

Saud Arabystanynyň başga bir kluby «Al-Ahli» myhmançylykda Kataryň «Al-Raýýan» toparyndan Wiega hem-de Al-Buraikanyň gollary esasynda 2–1 hasabynda üstün çykdy.

«Al Saddyň» (Katar) öz meýdançasynda Eýranyň «Persepolis» toparyny 1–0 ýeňen tapgyrynda «Al-Şorta» bilen «Pahtakoryň» arasyndaky duşuşykda hasap açylmady. Kataryň beýleki topary «Al-Garafa» hem öz meýdançasynda utulyp, Al-Raýýan şäheriniň wekili BAE-niň «Al Wasl» toparyndan 2–1 hasabynda asgyn geldi.





Gündogar sebitinde Günorta Koreýanyň «Gwanžu» topary öz meýdançasynda Malaýziýanyň «Johor Darul Ta'zim» toparyndan Asani (3, 6) hem-de Park Žun Heonyň gollary esasynda 3–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Gwanžu» topary 3 duşuşykda-da ýeňiş gazanmagy başardy. Tailandyň «Buriram Ýunaýted» topary bu tapgyrda-da ýeňilmedi. Öz meýdançasynda koreýleriň «Phohan Stilers» toparyny Bissoliniň ýeke-täk goly bilen ýeňen buriramlylaryň utugy 7-ä ýetdi. Ýaponiýanyň çempiony «Wissel Kobe» myhmançylykda Günorta Koreýanyň «Ulsan HD» toparyny, Hytaýyň «Şanhaý Şenhua» topary-da ýapon kluby «Kawasaki Frontal» toparyny 2–0 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi.

**GÜNBATAR SEBITI**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Al Hilal | 3 | 3 | 0 | 0 | 13-5 | 9 |
| 2 | Al-Ahli | 3 | 3 | 0 | 0 | 5-1 | 9 |
| 3 | Al Sadd | 3 | 2 | 1 | 0 | 4-1 | 7 |
| 4 | Al Nassr | 3 | 2 | 1 | 0 | 4-2 | 7 |
| 5 | Al Wasl | 3 | 2 | 0 | 1 | 3-3 | 6 |
| 6 | Esteglal | 3 | 1 | 0 | 2 | 3-3 | 3 |
| 7 | Al-Garafa | 3 | 1 | 0 | 2 | 5-7 | 3 |
| 8 | Pahtakor | 3 | 0 | 2 | 1 | 1-2 | 2 |
| 9 | Al-Şorta | 3 | 0 | 2 | 1 | 1-6 | 2 |
| 10 | Persepolis | 3 | 0 | 1 | 2 | 1-3 | 1 |
| 11 | Al Ain | 3 | 0 | 1 | 2 | 7-10 | 1 |
| 12 | Al-Raýýan | 3 | 0 | 0 | 3 | 3-7 | 0 |

Al-Şorta – Pahtakor: 0-0, Al Sadd – Persepolis: 1-0, Al Ain – Al Hilal: 4-5, Al-Raýýan – Al-Ahli: 1-2, Esteglal – Al Nassr: 0-1, Al-Garafa – Al Wasl: 1-2

**GÜNDOGAR SEBITI**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | O |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Gwanžu | 3 | 3 | 0 | 0 | 11--4 | 9 |
| 2 | Wissel Kobe | 3 | 2 | 1 | 0 | 4--1 | 7 |
| 3 | Buriram Ýunaýted | 3 | 2 | 1 | 0 | 3--1 | 7 |
| 4 | Şanhaý Şenhua | 3 | 2 | 0 | 1 | 6--4 | 6 |
| 5 | Şandun Taişan | 3 | 1 | 1 | 1 | 6--5 | 4 |
| 6 | Johor Darul Ta'zim | 3 | 1 | 1 | 1 | 6--5 | 4 |
| 7 | Ýokohama F. Marinos | 3 | 1 | 1 | 1 | 9--9 | 4 |
| 8 | Şanhaý Port | 3 | 1 | 1 | 1 | 5--7 | 4 |
| 9 | Phohan Stilers | 3 | 1 | 0 | 2 | 4--5 | 3 |
| 10 | Kawasaki Frontal | 3 | 1 | 0 | 2 | 1--3 | 3 |
| 11 | S. Koast Mariners | 3 | 0 | 0 | 3 | 4--8 | 0 |
| 12 | Ulsan HD | 3 | 0 | 0 | 3 | 0--7 | 0 |

Gwanžu–Johor D. Ta'zim: 3-1, Şanhaý Port–S. Koast Mariners: 3-2, Şandun Taişan–Ýokohama F. Marinos: 2-2, Buriram Ýun.–Phohan Stilers: 1-0, Ulsan HD–Wissel Kobe: 0-2, Şanhaý Şenhua–Kawasaki Frontal: 2-0



## HEPDÄNIŇ ESASY DUŞUŞYKLARY

*26-njy oktýabr (şenbe)*

Napoli – Leçcе (18:00)
Leipsig – Fraýburg (18:30)
Augsburg – Borussiýa D (18:30)
Man. Siti – Southempton (19:00)
Bolonýa – Milan (21:00)
Werder – Baýer (21:30)
**Real Madrid – Barselona (00:00)**
Lans – Lill (00:00)

*27-nji oktýabr (ýekşenbe)*

Utreht – Feýenoord (16:15)
**Çelsi – Nýukasl (19:00)**
K. Palas – Tottenham (19:00)
**West Ham – M. Ýunaýted (19:00)**
Bohum – Bawariýa (19:30)
**Arsenal – Liwerpul (21:30)**
Union Berlin – Aýntraht (21:30)
Zenit – Lokomotiw (21:30)
**Inter – Ýuwentus (22:00)**
Betis – Atletiko (22:30)
Fiorentina – Roma (00:45)
**Marsel – PSŽ (00:45)**

*28-nji oktýabr (duşenbe)*

**Galatasaraý – Beşiktaş (22:00)**

*29-njy oktýabr (sişenbe)*

**Milan – Napoli (00:45)**

*30-njy oktýabr (çarşenbe)*

**Feýenoord – Aýaks (22:00)**
Empoli – Inter (22:30)
Ýuwentus – Parma (00:45)

## Tennis täzelikleri

► Saud Arabystanynyň paýtagty Er-Riýadda ilkinji gezek geçirilen «6 Kings Slam» tennis ýaryşynda italiýaly Ýannik Sinner ýeňiş gazandy. ATP-niň sanawynda bolmadyk bu görkezme ýaryşyna 6 erkek tennisçi gatnaşdy. Çärýek finalda Sinner russiýaly Daniil Medwedewden (6:0, 6:3), ispaniýaly Karlos Alkaras bolsa norwegiýaly Holger Runeden (6:4, 6:2) üstün çykdy. Ýarym finalda-da Sinner serbiýaly Nowak Jokowiçi (6:2, 7:6, 6:4), Alkaras bolsa watandaşy Rafael Nadaly (6:3, 6:3) ýeňlişe sezewar etdi. Çekeleşikli geçen finalyň 1-nji setinde Alkaras 7:6 öňe saýlansada, 2-3-nji setlerde Sinner 6:3-lik hasaplar bilen ýeňiş gazandy. Sinner ýeňiji hökmünde 6 million dollarlyk pul baýragyna mynasyp boldy. Bu görkeziji «Uly tuwalga» çempionlygyna berilýän mukdardan hem has ýokary bolup, ýaryşa gatnaşanlaryň ählisi azyndan 1,5 million dollar pul baýragy bilen sylaglandy.



► Tennis boýunça Gazagystanyň Almaty şäherinde erkekleriň arasynda geçirilen «Açyk» çempionatda russiýaly Karen Haçanow ýeňiji boldy. 6:2, 5:7 we 6:3 hasaplar bilen tamamlanan 3 setiň netijesinde Haçanow finalda kanadaly Gabriel Diallony ýeňlişe sezewar etdi. Bu onuň şu ýylky «Katar Açykdan» soň 2-nji, karýerasy boýunça-da 7-nji çempionlygydyr.




► Belgiýanyň Antwerpen şäherinde geçirilen «Ýewropa Açyk» tennis ýaryşynda ispaniýaly Roberto Bautista Agut çempion bolup, ol finalda çehiýaly Ýiri Leheçka bilen duşuşdy. 2 setde 7:5 we 6:1 hasaplar bilen üstün çykan Bautista Agut 2 ýyldan soň ilkinji, umumylykda-da 12-nji ATP kubogyny gazandy.

► Şwesiýanyň paýtagtynda erkekleriň arasynda guralan «Stokgolm Açyk» tennis ýaryşynyň finalynda amerikaly Tommi Pol bilen bolgariýaly Grigor Dimitrow duşuşdy. Duşuşykda amerikaly tennisçi 6:4 we 6:3 hasaplar bilen ýeňiş gazanyp, karýerasyndaky 4-nji ATP kubogyny asmana göterdi.

► Hytaýyň Ninbo şäherinde zenanlaryň arasynda geçirilen «WTA Açyk 500» ýaryşyň finalynda russiýaly 2 tennisçi Dariýa Kasatkina bilen Mirra Andreýewa duşuşdy. Soňky 2 seti çekeleşikli geçen oýunda Kasatkina watandaşyny 6:0, 4:6 we 6:4 hasaplar bilen ýeňlişe sezewar etdi. Bu 27 ýaşyndaky tennisçiniň 7-nji WTA çempionlygydyr.




► Ýaponiýanyň Osaka şäherinde geçirilen «Ýaponiýa Açyk 250» ýaryşynda niderland tennisçisi Suzan Lamens ýeňiş gazandy. Ol finalda awstraliýaly Kimberli Birrelli 6:0 we 6:4 hasaplar bilen ýeňip, karýerasy boýunça ilkinji çempionlygyny baýram etdi.



## Lekleriň möwsümdäki 3-nji ýeňşi

Formula 1 boýunça Dünýä çempionatynda möwsümiň 2-nji uly arakesmesi tamamlanyp, 19-njy ýaryş ABŞ-nyň Tehas ştatynyň Ostin şäherinde geçirildi. 1 aýa golaý arakesmeden soň geçirilen ýaryşda «Ferrari» toparynyň monakoly sürüjisi Şarl Lekler ýeňiji boldy. Ol «Circuit of the Americas» trassasynda geçirilen 56 aýlawdan ybarat ýaryşy 1 sagat 35 minut 9,639 sekuntda tamamlamagy başardy. Bu onuň şu möwsümdäki 3-nji, karýerasyndaky 8-nji ýeňşidir. Ýaryşda ýeňijiden 3,882 sekunt yza galan ispaniýaly topardaşy Karlos Saýns Junior 2-nji ýeri eýeledi. 9 ýaryşdan bäri ýeňşi ýatdan çykaran «Red Bull» toparynyň niderland sürüjisi Maks Werstappen 3-nji ýere mynasyp boldy. «McLaren» toparynyň sürüjileri – britaniýaly Lando Norris hem-de awstraliýaly Oskar Piastri 4-5-nji orunlary eýelediler.

Esasy ýaryşdan 1 gün öň geçirilen sprint bäsleşiginde Maks Werstappen 1-nji, Karlos Saýns Junior 2-nji, Lando Norris 3-nji orna mynasyp boldy.

Geçirilen Amerika «Gran Prisinden» soň, möwsümiň tamamlanmagyna 5 ýaryş galanda, Werstappeniň nobatdaky çempionlyk ugrunda uly mümkinçiligi dowam edýär. Niderland sürüjisiniň 354 utugy bar. 2-nji ýerdäki Lando Norris 297, 3-nji basgançakdaky Şarl Lekler 275 utuk toplady. Oskar Piastri (247) hem-de Karlos Saýns Junior (215) utuklaryny 200-den geçiren beýleki sürüjiler bolup, olar 4-5-nji orunlarda barýarlar.

Möwsümiň 20-nji ýaryşy 27-nji oktýabrda Meksikanyň paýtagty Mehiko Sitide geçiriler.



## Çempion soňky ýaryşda belli bolar

**Dünýä Ralli çempionatynda (WRC) möwsüm tamamlanyp barýar. Möwsümiň 12-nji ýaryşy – Merkezi Ýewropa Rallisi Çehiýanyň Praga şäherinde başlap, Germaniýanyň Passau şäherinde tamamlandy. Jemi 18 tapgyrly 302,51 kilometrden ybarat ýaryşda «Hyundai Shell Mobis» toparynyň estoniýaly sürüjisi Ott Tanak ýeňiş gazandy. Ol ýaryşy 2 sagat 37 minut 34,6 sekuntda tamamlap, möwsümdäki 2-nji, karýerasyndaky 21-nji ýeňşini baýram etdi. Ýaryşda «Toyota Gazoo» toparynyň britan piloty Elfin Ewans 2-nji, ýeňijiniň topardaşy, sanawyň lideri, belgiýaly sürüji Tierri Noýwill 3-nji orny eýeledi.**

**Şunlukda, möwsümiň iň soňky ýaryşynyň öňüsyrasynda Tierri Noýwill 225 utuk bilen sanawyň başyny çekip gelýär we ol ilkinji çempionlygynyň bosagasynda dur. 2-nji ýerdäki Ott Tanagyň 200 utugy bar. Tanak 2019-njy ýylda çempionlyk gazanypdy. Tanak Ýaponiýa Rallisinde iň ýokary utugy (30) alan ýagdaýynda-da Noýwille çempionlyk üçin 6-njy orun ýeterlik bolar. Başgaça aýdylanda, 21-24-nji noýabr aralygynda Ýaponiýanyň Toýota şäherinde geçiriljek möwsümiň iň soňky ýaryşynda «Hyundai» toparynyň sürüjileriniň biri çempion bolar.**

## Angliýanyň ýokary ligasynyň taryhynda ilkinji gezek

Angliýanyň çempionatynda tapgyryň merkezi oýnunda «Liwerpul» öz meýdançasynda «Çelsini» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda «Liwerpulyň» gollaryny 29-njy minutda penaltiden Mohamed Salah bilen 51-nji minutda Kurtis Jons, «Çelsiniň» ýeke-täk goluny bolsa, 48-nji minutda Jekson geçirdi. Salahyň APL-däki gollarynyň sany 163-e ýetdi we Jermain Defony yzda galdyryp, 8-nji orna beýgeldi. Çempionlyk ugrunda göreş alyp barýan toparlardan «Arsenal» myhmançylykda «Bornmutdan» 2–0 hasabynda ýeňildi. Şu möwsümde ilkinji gezek utulan «Arsenalyň» düzüminde William Saliba 30-njy minutda gyzyl kart aldy. Duşuşykda «Bornmutyň» gollaryny Kristi (70) bilen Kluiwert (79 p) geçirdi. Häzirki çempion «Mançester Siti» iň aşaky orunda barýan



«Wulwerhempton» bilen duşuşyp, garşydaşyny Jon Stounzyň 90+5-nji minutda geçiren goly esasynda 2–1 hasabynda utdy. Şol hasap bilen «Mançester Ýunaýted» hem öz meýdançasynda «Brentfordy» ýeňlişe sezewar etdi. London derbisinde-de «West Ham» Kudusyň goly bilen öňe saýlansa-da, «Tottenham» 4–1 hasabynda ýeňşini baýram etdi. 1-nji ýarymda 2–0 öňe geçen «Southempton» 2-nji ýarymda 3 gol geçiren «Lesterden» 3–2 hasabynda asgyn geldi. Ilkinji 8 tapgyrdan soň APL-de 4 toparyň – «Ipswiç», «Kristal Palas», «Southempton» hem-de «Wulwerhempton» klublarynyň ýeke ýeňşi hem ýok. Angliýanyň 136 ýyllyk ýokary ligasynyň taryhynda ilkinji gezek birbada 4 topar başdaky 8 oýundan soň ýeňiş gazanyp bilmedi.

### «BARSELONA» 10 OÝUNDA 33 GOL GEÇIRDI

● Ispaniýanyň çempionatynda sanawyň lideri «Barselona» «El Klasikodan» öňki tapgyrda öz meýdançasynda «Sewilýany» 5–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Lewandowskiniň (2), Pablo Torreniň (2) hem-de Pedriniň gollary bilen ýeňen katalonlar 10-njy oýunda 9-njy ýeňşini baýram etdi. 10 tapgyrda 33 gol geçiren «Barselona» üçin bu görkeziji iň gowy 3-nji statistika boldy. «Barselona» mundan öň 1950-nji ýylda 39, 2008-nji ýylda 34 gol, 1959-njy we 1966-njy ýyllarda-da 33 gol geçiripdi. 2-nji ýerdäki «Real Madrid» hem myhmançylykda «Seltany» ýyldyz oýunçylary — Kilian Mbappe hem-de Winisius Junioryň gollary bilen 2–1 hasabynda utdy. Madridliler 42 oýundan bäri ýeňilmän gelýär we bu ugurda «Barselonanyň» rekordyna ýene bir ädim golaýlady (43 oýun). «Atletiko Madrid» öz meýdançasynda «Leganesi» kabul edip, myhmanlaryň öňe geçen duşuşygynda ýer eýeleri Sörlot (2) hem-de Grizmannyň gollary esasynda 2–1 hasabynda ýeňiş gazandy. «Žirona» öz meýdançasynda «Real Sosiedaddan» 1–0 hasabynda utulyp, ýeke-täk goly 44-nji minutda Oýarzabal geçirdi. Iniaki Williamsyň 2 gezek tapawutlanan oýnunda «Atletik» topary Bilbaoda «Espanýoldan» 4–1 hasabynda üstün çykdy.



**PREMIER LEAGUE (8) — 29 gol**

**Tottenham—West Ham: 4–1** (Kulusewski 36, Bissuma 52, Todibo 55 ö.d., Son 60 — Kudus 18), **Fulham—Aston Willa: 1–3** (Himenes 5 — Rojers 9, Wotkins 59, Diop 69 ö.d.), **Ipswiç—Ewerton: 0–2** (Ndiaý 17, Kin 40), **M. Ýunaýted—Brentford: 2–1** (Garnaço 47, Heýlunn 62 — Pinnok 45+5), **Nýukasl—Braýton: 0–1** (Welbek 35), **Southempton—Lester: 2–3** (Arçer 8, Aribo 28 — Buonanotte 65, Wardi 74 p, Aýuw 90+8), **Bornmut—Arsenal: 2–0** (Kristi 70, Kluiwert 79 p), **Wulwerhempton—Man. Siti: 1–2** (Strand Larsen 7 — Gwardiol 33, Stounz 90+5), **Liwerpul—Çelsi: 2–1** (Salah 29 p, Jons 51 — Jekson 48), **N. Forest—K. Palas: 1–0** (Wud 65)

**LA LIGA (10) — 35 gol**

**Alawes—Walýadolid: 2–3** (Martines 6, Kike Garsiýa 90+7 — Silla 17 p, Amallah 72 p, Anuar 76), **Atletik—Espanýol: 4–1** (Wiwian 6, Iniaki Williams 28, 30, Berenger 55 — Tehero 90+2), **Osasuna—Betis: 1–2** (Torro 59 — Roke 7, Awila 73), **Žirona—R. Sosiedad: 0–1** (Oýarzabal 44), **Selta—Real Madrid: 1–2** (Swedberg 51 — Mbappe 20, Winisius Junior 66), **Malýorka—R. Wallekano: 1–0** (Muriki 75), **Atletiko—Leganes: 3–1** (Sörlot 69, 90+9, Grizmann 81 — Neýu 34), **Wilýarreal—Hetafe: 1–1** (Komesaniýa 44 — Arambarri 88 p), **Barselona—Sewilýa: 5–1** (Lewandowski 24 p, 39, Pedri 28, Pablo Torre 82, 88 — Idumbo 87), **Walensiýa—Las Palmas: 2–3** (Pepelu 14 p, Tarrega 90+4 — Aleks Munios 3, Fabio Silwa 53, Moleýro 84)

**SERIE A (8) — 26 gol**

**Komo—Parma: 1–1** (Paz 45 — Bonni 20), **Jenoa—Bolonýa: 2–2** (Pinamonti 73, 85 — Orsolini 37, Odgor 56), **Milan—Udineze: 1–0** (Çukwueze 13), **Ýuwentus—Lasio: 1–0** (Hila 85 ö.d.), **Empoli—Napoli: 0–1** (Kwarasheliýa 63 p), **Leçce—Fiorentina: 0–6** (Kataldi 20, 45, Kolpani 34, 54, Beltran 61, Parizi 72), **Wenesiýa—Atalanta: 0–2** (Paşaliç 7, Retegi 47), **Kaliari—Torino: 3–2** (Wiola 38, Palomino 74, Koko 78 ö.d. — Sanabriýa 41, Linetti 55), **Roma—Inter: 0–1** (Lautara Martines 60), **Werona—Monza: 0–3** (Mota 9, 74, Bianko 79)

**BUNDESLIGA (7) — 33 gol**

**Borussiýa D—Sankt-Pauli: 2–1** (Bensebaini 43, Girassi 83 – Smit 78), **Baýer—Aýntraht: 2–1** (Andrih 25, Bonifeýs 72 — Marmuş 16 p), **Hoffenhaým—Bohum: 3–1** (Kramariç 11, Bülter 65, Tabakowiç 90+3 — Gamboa 76), **Fraýburg—Augsburg: 3–1** (Grifo 34, Linhart 37, Günter 45+1 — Titz 65), **Maýns—Leipsig: 0–2** (Simons 20, Orban 37), **Borussiýa M—Haýdenhaým: 3–2** (Itakura 22, Klýaýndinst 62, 75 p — Skienza 12, Piringer 80 p), **Bawariýa—Ştutgart: 4–0** (Keýn 57, 60, 80, Koman 89), **Holştaýn—Union Berlin: 0–2** (Kemlýaýn 18, Rote 89), **Wolfsburg—Werder: 2–4** (Tomaş 19, Mele 79 — Waýzer 45+5, Agu 51, Dukş 67, Grüll 72)

**LIGUE 1 (8) — 26 gol**

**Monako—Lill: 0–0, Brest—Renn: 1–1** (Del Kastilýo 54 p — Žota 87), **Sent-Etien—Lans: 0–2** (Frankowski 20, Labo 79), **PSŽ—Strasbur: 4–2** (Maýulu 18, Asensio 47, Barkola 66, Li Kan In 90 — Mara 58, Diong 90+3), **Le Hawr—Lion: 0–4** (Abner 32, Fofana 57, Lakazett 71, Benrahma 87), **Nant—Nissa: 1–1** (Ablin 67 — Gessand 72), **Tuluza—Anže: 1–1** (King 64 — Niang 5), **Oser—Reýms: 2–1** (Diomande 16, Traore 52 — Nakamura 90+5), **Monpelie—Marsel: 0–5** (Wai 1, Arit 36, Hýoýberg 40, Grinwud 58, Luis Enrike 73)

**ANGLIÝANYŇ ÇEMPIONATY /PREMIER LEAGUE/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | LIWERPUL | 8 | 7 | 0 | 1 | 15-3 | 21 |
| 2 | MAN. SITI | 8 | 6 | 2 | 0 | 19-9 | 20 |
| 3 | ARSENAL | 8 | 5 | 2 | 1 | 15-8 | 17 |
| 4 | ASTON WILLA | 8 | 5 | 2 | 1 | 15-10 | 17 |
| 5 | BRAÝTON | 8 | 4 | 3 | 1 | 14-10 | 15 |
| 6 | ÇELSI | 8 | 4 | 2 | 2 | 17-10 | 14 |
| 7 | TOTTENHAM | 8 | 4 | 1 | 3 | 18-9 | 13 |
| 8 | N. FOREST | 8 | 3 | 4 | 1 | 8-6 | 13 |
| 9 | NÝUKASL | 8 | 3 | 3 | 2 | 8-8 | 12 |
| 10 | FULHAM | 8 | 3 | 2 | 3 | 11-11 | 11 |
| 11 | BORNMUT | 8 | 3 | 2 | 3 | 10-10 | 11 |
| 12 | M. ÝUNAÝTED | 8 | 3 | 2 | 3 | 7-9 | 11 |
| 13 | BRENTFORD | 8 | 3 | 1 | 4 | 14-15 | 10 |
| 14 | LESTER SITI | 8 | 2 | 3 | 3 | 12-14 | 9 |
| 15 | WEST HAM | 8 | 2 | 2 | 4 | 11-15 | 8 |
| 16 | EWERTON | 8 | 2 | 2 | 4 | 9-15 | 8 |
| 17 | IPSWIÇ TAWN | 8 | 0 | 4 | 4 | 6-16 | 4 |
| 18 | KRISTAL PALAS | 8 | 0 | 3 | 5 | 5-11 | 3 |
| 19 | SOUTHEMPTON | 8 | 0 | 1 | 7 | 6-18 | 1 |
| 20 | W. HEMPTON | 8 | 0 | 1 | 7 | 10-23 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Erling HOLANN (Mançester Siti) | 10 |
| 2 | Koul PALMER (Çelsi) | 6 |
| 3 | Brian MBEMO (Brentford) | 6 |
| 4 | Luiz DIAZ (Liwerpul) | 5 |
| 5 | Kris WUD (Nottingam Forest) | 5 |

**ISPANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LA LIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BARSELONA | 10 | 9 | 0 | 1 | 33-10 | 27 |
| 2 | REAL MADRID | 10 | 7 | 3 | 0 | 21-7 | 24 |
| 3 | ATLETIKO M | 10 | 5 | 5 | 0 | 16-6 | 20 |
| 4 | WILÝARREAL | 10 | 5 | 3 | 2 | 18-18 | 18 |
| 5 | ATLETIK B | 10 | 5 | 2 | 3 | 17-11 | 17 |
| 6 | MALÝORKA | 10 | 5 | 2 | 3 | 10-8 | 17 |
| 7 | BETIS | 10 | 4 | 3 | 3 | 10-9 | 15 |
| 8 | OSASUNA | 10 | 4 | 3 | 3 | 14-16 | 15 |
| 9 | R. WALLEKANO | 10 | 3 | 4 | 3 | 11-10 | 13 |
| 10 | SELTA | 10 | 4 | 1 | 5 | 17-17 | 13 |
| 11 | R. SOSIEDAD | 10 | 3 | 3 | 4 | 8-8 | 12 |
| 12 | ŽIRONA | 10 | 3 | 3 | 4 | 11-13 | 12 |
| 13 | SEWILÝA | 10 | 3 | 3 | 4 | 10-15 | 12 |
| 14 | ESPANÝOL | 10 | 3 | 1 | 6 | 10-17 | 10 |
| 15 | ALAWES | 10 | 3 | 1 | 6 | 13-18 | 10 |
| 16 | HETAFE | 10 | 1 | 6 | 3 | 7-8 | 9 |
| 17 | LEGANES | 10 | 1 | 5 | 4 | 6-12 | 8 |
| 18 | WALÝADOLID | 10 | 2 | 2 | 6 | 8-21 | 8 |
| 19 | LAS PALMAS | 10 | 1 | 3 | 6 | 12-19 | 6 |
| 20 | WALENSIÝA | 10 | 1 | 3 | 6 | 7-16 | 6 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Robert LEWANDOWSKI (Barselona) | 12 |
| 2 | Aýose PERES (Wilýarreal) | 6 |
| 3 | Kilian MBAPPE (Real Madrid) | 6 |
| 4 | Jowani LO ÇELSO (Betis) | 5 |
| 5 | RAFINÝA (Barselona) | 5 |

**ITALIÝANYŇ ÇEMPIONATY /SERIE A/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | NAPOLI | 8 | 6 | 1 | 1 | 15-5 | 19 |
| 2 | INTER | 8 | 5 | 2 | 1 | 17-9 | 17 |
| 3 | ÝUWENTUS | 8 | 4 | 4 | 0 | 11-1 | 16 |
| 4 | MILAN | 8 | 4 | 2 | 2 | 16-9 | 14 |
| 5 | FIORENTINA | 8 | 3 | 4 | 1 | 15-8 | 13 |
| 6 | ATALANTA | 8 | 4 | 1 | 3 | 18-13 | 13 |
| 7 | LASIO | 8 | 4 | 1 | 3 | 14-12 | 13 |
| 8 | UDINEZE | 8 | 4 | 1 | 3 | 10-11 | 13 |
| 9 | TORINO | 8 | 3 | 2 | 3 | 14-14 | 11 |
| 10 | EMPOLI | 8 | 2 | 4 | 2 | 6-5 | 10 |
| 11 | ROMA | 8 | 2 | 4 | 2 | 8-6 | 10 |
| 12 | BOLONÝA | 8 | 1 | 6 | 1 | 9-11 | 9 |
| 13 | WERONA | 8 | 3 | 0 | 5 | 12-15 | 9 |
| 14 | KOMO | 8 | 2 | 3 | 3 | 11-15 | 9 |
| 15 | KALIARI | 8 | 2 | 3 | 3 | 8-13 | 9 |
| 16 | MONZA | 8 | 1 | 4 | 3 | 8-9 | 7 |
| 17 | PARMA | 8 | 1 | 4 | 3 | 11-13 | 7 |
| 18 | JENOA | 8 | 1 | 3 | 4 | 7-17 | 6 |
| 19 | LEÇÇE | 8 | 1 | 2 | 5 | 3-18 | 5 |
| 20 | WENESIÝA | 8 | 1 | 1 | 6 | 5-14 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Mateo RETEGI (Atalanta) | 8 |
| 2 | Markus TURAM (Inter) | 7 |
| 3 | Duşan WLAHOWIÇ (Ýuwentus) | 5 |
| 4 | Kristian PULIŞIÇ (Milan) | 5 |
| 5 | Patrik KUTRONE (Komo) | 4 |

**GERMANIÝANYŇ ÇEMPIONATY /BUNDESLIGA/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | BAWARIÝA | 7 | 5 | 2 | 0 | 24-7 | 17 |
| 2 | LEIPSIG | 7 | 5 | 2 | 0 | 11--2 | 17 |
| 3 | FRAÝBURG | 7 | 5 | 0 | 2 | 12--8 | 15 |
| 4 | BAÝER | 7 | 4 | 2 | 1 | 18-13 | 14 |
| 5 | UNION BERLIN | 7 | 4 | 2 | 1 | 8--4 | 14 |
| 6 | AÝNTRAHT | 7 | 4 | 1 | 2 | 15-11 | 13 |
| 7 | BORUSSIÝA D | 7 | 4 | 1 | 2 | 14-12 | 13 |
| 8 | WERDER | 7 | 3 | 2 | 2 | 12--14 | 11 |
| 9 | HAÝDENHAÝM | 7 | 3 | 0 | 4 | 12--11 | 9 |
| 10 | ŞTUTGART | 7 | 2 | 3 | 2 | 15-15 | 9 |
| 11 | BORUSSIÝA M | 7 | 3 | 0 | 4 | 10--12 | 9 |
| 12 | MAÝNS | 7 | 2 | 2 | 3 | 11--12 | 8 |
| 13 | WOLFSBURG | 7 | 2 | 1 | 4 | 15-16 | 7 |
| 14 | HOFFENHAÝM | 7 | 2 | 1 | 4 | 13-17 | 7 |
| 15 | AUGSBURG | 7 | 2 | 1 | 4 | 10--18 | 7 |
| 16 | SANKT-PAULI | 7 | 1 | 1 | 5 | 5--11 | 4 |
| 17 | HOLŞTAÝN | 7 | 0 | 2 | 5 | 9--21 | 2 |
| 18 | BOHUM | 7 | 0 | 1 | 6 | 7--17 | 1 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Omar MARMUŞ (Aýntraht) | 9 |
| 2 | Harri KEÝN (Bawariýa) | 8 |
| 3 | Jonatan BURKARDT (Maýns) | 5 |
| 4 | Ermedin DEMIROWIÇ (Ştutgart) | 5 |
| 5 | Tim KLÝAÝNDINST (Borussiýa M) | 5 |

**FRANSIÝANYŇ ÇEMPIONATY /LIGUE 1/**

| Or. | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | PSŽ | 8 | 6 | 2 | 0 | 25-8 | 20 |
| 2 | MONAKO | 8 | 6 | 2 | 0 | 14-4 | 20 |
| 3 | MARSEL | 8 | 5 | 2 | 1 | 21-8 | 17 |
| 4 | LILL | 8 | 4 | 2 | 2 | 13-8 | 14 |
| 5 | LANS | 8 | 3 | 5 | 0 | 9--4 | 14 |
| 6 | REÝMS | 8 | 4 | 2 | 2 | 15-12 | 14 |
| 7 | LION | 8 | 4 | 1 | 3 | 14-12 | 13 |
| 8 | NISSA | 8 | 2 | 4 | 2 | 16-8 | 10 |
| 9 | NANT | 8 | 2 | 4 | 2 | 10--9 | 10 |
| 10 | STRASBUR | 8 | 2 | 4 | 2 | 16-16 | 10 |
| 11 | BREST | 8 | 3 | 1 | 4 | 11--14 | 10 |
| 12 | OSER | 8 | 3 | 0 | 5 | 11--16 | 9 |
| 13 | RENN | 8 | 2 | 2 | 4 | 12--12 | 8 |
| 14 | SENT-ETIEN | 8 | 2 | 1 | 5 | 6--20 | 7 |
| 15 | TULUZA | 8 | 1 | 3 | 4 | 7--11 | 6 |
| 16 | LE HAWR | 8 | 2 | 0 | 6 | 7--19 | 6 |
| 17 | ANŽE | 8 | 0 | 4 | 4 | 6--14 | 4 |
| 18 | MONPELIE | 8 | 1 | 1 | 6 | 8--26 | 4 |

**Iň köp pökgi geçirenler:**

| | | |
|---|---|---|
| 1 | Bredli BARKOLA (PSŽ) | 7 |
| 2 | Meýson GRINWUD (Marsel) | 6 |
| 3 | Jonatan DEWID (Lill) | 5 |
| 4 | Keýto NAKAMURA (Reýms) | 5 |
| 5 | Usman DEMBELE (PSŽ) | 4 |

## «Serie A»-da öňdebaryjylaryň iň kiçi hasaply ýeňişleri

**Italiýanyň çempionatynda** öňdebaryjy toparlar 8-nji tapgyry iň kiçi hasaply ýeňiş bilen tamamlady (1–0). Sanawyň lideri «Napoli» myhmançylykda «Empolini» Kwarasheliýanyň 63-nji minutda penaltiden geçiren goly bilen ýeňdi. «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Lasiony» Hilanyň 85-nji minutda öz derwezesinden geçiren goly esasynda utdy. Duşuşygyň 24-nji minutynda «Lasionyň» goragçysy Alessio Romanýoli gyzyl kart aldy. Soňky çempion «Inter» myhmançylykda «Romany» ýene bir ýola ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykdaky ýeke-täk goly 60-njy minutda Lautara Martines öz adyna ýazdyrdy. «Roma» toparyna çempionatyň çäginde öz meýdançasynda «Interi» 2016-njy ýyldan bäri ýeňmek başardanok. «Milan» bolsa öz meýdançasynda «Udinezeni» Çukwuezeniň 13-nji minutdaky ýeke-täk goly bilen ýeňdi. Duşuşygyň 29-njy minutynda 1 oýunçy kem galan «Milan» 2-nji ýarymda goragda köp kynçylyk çekdi. Oýnuň ahyrlarynda myhmanlaryň geçiren goly VAR-yň inçe seljermesi netijesinde ofsaýd diýlip hasaba alyndy. «Atalanta» myhmançylykda Paşaliç we Reteginiň gollary bilen «Wenesiýany» 2–0 hasabynda utdy. «Fiorentina» bolsa myhmançylykda «Leççeniň» derwezesinden jogapsyz 6 gol geçirdi. Duşuşykda Kataldi bilen Kolpaniniň hersi 2 gol saldy.



### KEÝNIŇ NOBATDAKY HET-TRIGI

**Germaniýanyň çempionatynda** sanawyň lideri «Bawariýa» öz meýdançasynda «Ştutgarty» ýeňmek kyn düşmedi. Keýniň het-trik eden oýnunda münhenliler 4-0 hasabynda ýeňiş gazandy. Soňky çempion «Baýer» öz meýdançasynda «Aýntrahty» garşydaşynyň 16-njy minutda Marmuşyň penalti goly bilen öňe geçendigine garamazdan, 2–1 hasabynda utdy. Duşuşykda lewerkuzenlilere ýeňiş getiren gollary Andrih (25) bilen 9-njy minutda penaltini salyp bilmedik Bonifeýs (72) geçirdi. «Leipsigiň» myhmançylykda «Maýnsy» 2–0 ýeňen tapgyrynda «Borussiýa Dortmund» täze topar «Sankt-Paulini» 2–1 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.



**Fransiýanyň çempionatynda** «Lill» bilen golsuz deňme-deň oýnan «Monako» topary PSŽ-niň Parižde «Strasbury» 4–2 hasabynda ýeňmeginden soň 2-nji orna düşdi. Täze 1-nji orna beýgelen PSŽ-niň gollaryny Maýulu, Asensio, Barkola hem-de Li Kan In geçirdi. Kem-kemden ýokarky orunlara beýgelýän «Lion» topary myhmançylykda «Le Hawr» toparynyň derwezesinden jogapsyz 4 gol geçirdi. «Marsel» bolsa «Monpelieni» myhmançylykda 5–0 hasabynda utdy. Duşuşykda «Marseliň» gollaryny Wai, Arit, Hýoýberg, Grinwud hem-de Luis Enrike geçirdi.

# Iňlis klublarynyň 4-si hem gol geçirtmezden ýeňiş gazandy

UEFA Çempionlar Ligasynda 3-nji duşuşyklar geçirildi. Oýnalan 18 duşuşykda 51 gol hasaba alyndy. 8 oýunda ýer eýeleri, 7 duşuşykda-da myhmançylykdaky toparlar ýeňiş gazandy. 3 duşuşyk deňlikde tamamlanyp, olaryň birinde hasap açylmady.

Iňlis klublarynyň 4-si hem gol geçirtmezden ýeňiş gazanmagy başardy (9-0). Ispan klublarynyň 3-si ýeňiş gazanyp, «Atletiko Madrid» bu tapgyrda hem garaşylmadyk ýagdaýda asgyn geldi. Italýan toparlaryndan Milan şäheriniň wekilleri tapgyry ýeňiş bilen tamamlasa, ýurduň beýleki 3 toparyna ýeňiş gazanmak başartmady. Germaniýanyň klublarynyň diňe biri, olam garaşylmadyk ýeňiş bolup, 3 topary utuldy. Ýurduň çempiony bolsa deňme-deň oýnady. Awstriýanyň klublary bu tapgyry-da ýeňliş bilen tamamlap, olaryň ikisi öz meýdançasynda garşydaşlaryndan 2-0 hasabynda utuldy.

2 iňlis kluby 3-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanan 2 topar bolup, 9 klubuň häzirlikçe ýeňşi ýok. 6 klub bu tapgyrda-da utuk gazanyp bilmedi we olar utuksyz ýagdaýda ýaryşy dowam edýärler. «Bolonýa», «Şahtýor», «RB Salsburg», «Ýang Boýz» klublaryna 3-nji duşuşyklarda-da gol geçirmek başartmady.

### «REALDAN» ÝENE BIR KEMBEK

● Sişenbede oýnalan duşuşyklarda «Real Madrid» bilen «Borussiýa Dortmundyň» arasyndaky oýun has çekeleşikli ýagdaýda geçdi. 1-nji ýarymda 4 minutda 2 gol geçiren nemes topary 2–0 hasabynda öňe saýlandy. Ýöne 2-nji ýarymda «Real Madridiň» şemaly has belentden öwsüp, ispan topary 5 gol geçirmegi başardy. 60-njy minutda Rüdigeriň goly bilen aratapawudy azaldan



«Realda» 62-nji minutda Winisius hasaby deňledi. 83-nji minutda Lukas Waskesiň owadan goly bilen madridliler öňe geçdi. 86-njy we 90+3-nji minutlarda-da tapawutlanan Winisius Junior duşuşygy het-trik bilen tamamlap, duşenbe güni gowşuryljak «Altyn top» baýragyny almaga doly taýýardygyny görkezdi. 5–2 hasabynda ýeňiş gazanan «Real Madrid» üçin ýene taryhy kembekleriniň biri hasaba alyndy.

### ILKINJI ÝEŇIŞLER

● Bu kubogy 7 gezek eýelän «Milan» ilkinji 2 duşuşygynda ýeňlişe sezewar bolupdy. Öz meýdançasynda «Klub Brýuggeni» kabul eden italýan topary 3-1 hasabynda üstün çykyp, ilkinji



ýeňşini gazandy. Duşuşykda «Milanyň» gollaryny gönümel burçdan ýerine ýetirilen urgy bilen Kristian Pulişiç (34) hem-de Teýani Reýnders (61, 71) geçirdi. Duşuşygyň 40-njy minutyndan soň 1 oýunçy kem oýnan belgiýalylaryň goluny 51-nji minutda Kiriani Sabbe öz adyna ýazdyrdy.

Bu ýaryşa ilkinji gezek gatnaşýan 2 toparyň duşuşygynda «Žirona» öz meýdançasynda «Slowan Bratislawany» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi we UEFA-nyň ýaryşlaryndaky ilkinji ýeňşini gazandy. Şol hasap «Şturm Gras» bilen «Sportingiň» arasyndaky oýunda-da hasaba alnyp, portugal kluby Santos hem-de Dýokeresiň gollary esasynda ýeňşini baýram etdi.

1-nji tapgyrda «Barselonany» ýeňen «Monako» toparynyň ähli ýaryşlardaky ýeňlişsiz ýörişi dowam edýär. Öz meýdançasynda «Srwena Zwezdany» kabul eden «Monako» garşydaşyny 5–1 hasabynda ýeňdi. Fransuz toparynyň gollarynyň 2-sini Minamino derwezä girizdi.

### ÝEKE GOL HEM GEÇIRTMEDI

● 42 ýyldan soň bu ýaryşa wekilçilik edýän «Aston Willa» topary öz meýdançasynda «Bolon-



ýany» MakGinniň hem-de Jon Duranyň gollary bilen 2-0 hasabynda utdy. Bu ýeňişden soň utugyny 9-a çykaran «Aston Willa» sanawyň 1-nji ornuna beýgeldi. 3 oýunda 6 gol geçiren Unaý Emeriniň şägirtleri derwezelerinden ýeke pökgi hem geçirtmediler.

Iňlisleriň beýleki bir topary «Arsenal» öz meýdançasynda «Şahtýor Doneski» DmitrO Riznygyň awtogoly bilen 1–0 hasabynda ýeňdi. Tapgyryň garaşylmadyk netijeleriniň biri Italiýada hasaba alnyp, «Ýuwentus» öz meýdançasynda «Ştutgartdan» El Bilal Tureniň 90+3-nji minutda geçiren goly esasynda 1–0 hasabynda asgyn geldi.

PSŽ bilen PSW-niň arasyndaky oýunda-da ýeňiş gazanan bolman, Noa Langyň 34-nji minutdaky goluna ýer eýeleri 55-nji minutda Aşraf Hakiminiň goly bilen jogap berdi.

### «BARSELONA» «BAWARIÝANY» 9 ÝYLDAN SOŇ ILKINJI GEZEK ÝEŇDI

● Çarşenbe gününde geçirilen duşuşyklaryň arasynda başga bir ispan hem-de nemes klublarynyň – «Barselona» bilen «Bawariýanyň» ara-



syndaky oýun esasy üns merkezde boldy. Ýer eýeleriniň doly artykmaçlygynda geçen duşuşygyň eýýäm 1-nji minuty dolmanka Rafinýa katalonlary öňe çykardy. 18-nji minutda Harri Keýn hasaby deňlese-de, münhenlilere «Barselonany» duruzmak başartmady. 36-njy minutda Robert Lewandowski tapawutlanyp, ozalky toparyny gynandyrdy. 45-nji minutda Rafinýa ýene bir gol geçirdi. Ol oýnuň 56-njy minutynda 3-nji goluny hem öz adyna ýazdyryp, Winisiusdan soň tapgyry het-trik bilen tamamlan 2-nji braziliýaly oýunçy boldy. Rafinýa bu ýaryşda «Bawariýanyň» derwezesinden 3 gol geçiren 4-nji futbolçy hökmünde hasaba alyndy. «Barselona» «Bawariýany» 2015-nji ýyldan soň, ýa-da 6 ýeňlişden soň ilkinji gezek ýeňmegi başardy. «Bawariýa» Çempionlar Ligasynyň taryhynda ilkinji gezek myhmançylykda bassyr 3 oýunda ýeňlişe sezewar boldy. «Barselona» «Bawariýany» özara 16 duşuşykda 3-nji gezek utdy.

### LEWANDOWSKI 700-nji GOLUNY ÖŇKI TOPARYNYŇ DERWEZESINDEN GEÇIRDI

● Duşuşykda toparynyň 2-nji goluny geçiren Lewandowskiniň karýerasyndaky gollarynyň sany 700-e ýetdi. Ol Ronaldo we Messiden soň bu görkezijä ýeten 3-nji futbolçy boldy. Lewandowski



ki «Bawariýada» 344, «Borussiýa Dortmundda» 103, Polşanyň ýygyndysynda 84, «Barselonada» 4, «Lehde» 41 we beýleki polýak klublarynda 54 gol saldy. Şeýle-de, onuň UÇL-de geçiren gollarynyň sany-da 97-ä ýetip, ol 100 gola golaýlady.

### «REALDAN» SOŇ «ATLETIKONY» HEM ÝEŇDI

● Tapgyryň netijesi geň galdyran başga bir duşuşygynda Fransiýanyň «Lill» topary myhmançylykda «Atletiko Madridi» 3-1 hasabynda ýeňdi. Alwaresiň 8-nji minutdaky goly bilen öňe saýlanan madridliler 2-nji ýarymda Žegrowanyň (61) hem-



de Dewidiň (74 p, 89) gollaryna çäre tapyp bilmedi. «Lill» topary «Realdan» soň Madridiň beýleki topary «Atletikony» hem ýeňmegi başardy.

Garaşylmadyk ýagdaýda ýeňlişsiz öňdäki orunlarda barýan Fransiýanyň «Brest» topary öz meýdançasynda «Baýer» bilen 1–1 hasabynda deňme-deň oýnap, utuklary paýlaşdy.

### «SITI» «ÝUNAÝTEDIŇ» REKORDYNY TÄZELEDI

● Angliýanyň «Mançester Siti» topary öz meýdançasynda Praganyň «Sparta» toparynyň derwezesinden jogapsyz 5 gol geçirdi. Şäherlileriň gollarynyň 2-sini öz adyna ýazdyran Erling Holannyň UÇL-däki



gollarynyň sany 42 oýunda 44-e ýetdi. Şeýlelikde, «Mançester Siti» esasy wagty hasaba alanyňda UEFA Çempionlar Ligasynda 26 oýundan bäri ýeňilmän gelýär we bu ugurda şäherdeş topary «Mançester Ýunaýtediň» 25 oýunlyk rekordyny täzeledi (2007-nji ýylyň sentýabry – 2009-njy ýylyň maýy).

Başga bir iňlis kluby «Liwerpul» myhmançylykda Germaniýanyň «Leipsig» toparyny Darwin Nunýesiň ýeke-täk goly esasynda ýeňip, 3-nji duşuşygynda-da ýeňiş gazanmagy başardy. «Liwerpul» Arno Slotuň tälimçiliginde 12-nji duşuşygynda 11-nji ýeňşini gazandy. Iň kiçi hasap bilen tamamlanan başga bir duşuşykda «Inter» myhmançylykda «Ýang Boýz» toparyny Markus Turamyň goly esasynda utdy. Geçen tapgyrda «Atletikonyň» derwezesinden jogapsyz 4 gol geçiren «Benfika» öz meýdançasynda «Feýenoorddan» 3-1 hasabynda asgyn geldi. Rotterdamlylaryň gollaryny Ueda bilen Milambo geçirdi. Portugal toparynyň adyndanam ýeke-täk goly bilen Kerem Aktürkoglu tapawutlanyp, ol bu ýaryşda bassyr 3 duşuşykdan bäri gol geçirip gelýär.

«Atalanta» bilen «Seltigiň» arasyndaky oýunda hasap açylman, ol tapgyryň golsuz geçen ýeke-täk duşuşygy boldy. Zagrebiň «Dinamosy» myhmançylykda «RB Salsburgy» 2–0 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi.

**UEFA ÇEMPIONLAR LIGASY 2024/25 MÖWSÜMINIŇ LIGA TAPGYRYNYŇ 3-nji DUŞUŞYKLARYNYŇ NETIJELERI:**

**MILAN — KLUB BRÝUGGE: 3–1**
(Pulişiç 34, Reýnders 61, 71 — Sabbe 51)
**MONAKO — SRWENA ZWEZDA: 5–1**
(Minamino 20, 70, Embolo 45+4, Singo 54, Akliuçe 90+7 — Ndiaýe 7 p)
**ARSENAL — ŞAHTÝOR DONESK: 1–0**
(Dmitro Riznyk 29 ö.d.)
**ASTON WILLA — BOLONÝA: 2–0**
(MakGinn 55, Jon Duran 64)
**ŽIRONA — SLOWAN BRATISLAWA: 2-0**
(Gutierres 42, Huanpe 73)
**ÝUWENTUS — ŞTUTGART: 0–1**
(El Bilal Ture 90+2)
**PSŽ — PSW: 1–1**
(Hakimi 55 — Lang 34)
**REAL MADRID — BORUSSIÝA D: 5-2**
(Rüdiger 60, Winisius Junior 62, 86, 90+3, Waskes 83 — Malen 30, Gittens 34)
**ŞTURM GRAS — SPORTING: 0–2**
(Santos 23, Dýokeres 53)
**ATALANTA — SELTIK: 0–0**
**BREST — BAÝER: 1–1**
(Lees-Melu 39 — Wirts 24)
**ATLETIKO — LILL: 1–3**
(Alwares 8 — Žegrowa 61, Dewid 74 p, 89)
**ÝANG BOÝZ — INTER: 0–1**
(Markus Turam 90+3)
**BARSELONA — BAWARIÝA: 4–1**
(Rafinýa 1, 45, 56, Lewandowski 36 – Keýn 18)
**RB SALSBURG — DINAMO ZAGREB: 0–2**
(Kulenowiç 49, Petkowiç 84)
**MANÇESTER SITI — SPARTA PRAGA: 5–0**
(Foden 3, Holann 58, 68, Stounz 64, Nunýeş 88 p)
**LEIPSIG — LIWERPUL: 0–1**
(Darwin Nunýes 27)
**BENFIKA — FEÝENOORD: 1–3**
(Aktürkoglu 66 — Ueda 12, Milambo 33, 90+2)

| | TOPARLAR | O | Ý | D | U | P | U |
|---|---|---|---|---|---|---|---|
| 1 | Aston Willa | 3 | 3 | 0 | 0 | 6–0 | 9 |
| 2 | Liwerpul | 3 | 3 | 0 | 0 | 6–1 | 9 |
| 3 | Mançester Siti | 3 | 2 | 1 | 0 | 9–0 | 7 |
| 4 | Monako | 3 | 2 | 1 | 0 | 9–4 | 7 |
| 5 | Brest | 3 | 2 | 1 | 0 | 7–2 | 7 |
| 6 | Baýer | 3 | 2 | 1 | 0 | 6–1 | 7 |
| 7 | Inter | 3 | 2 | 1 | 0 | 5–0 | 7 |
| 8 | Sporting | 3 | 2 | 1 | 0 | 5–1 | 7 |
| 9 | Arsenal | 3 | 2 | 1 | 0 | 3–0 | 7 |
| 10 | Barselona | 3 | 2 | 0 | 1 | 10–3 | 6 |
| 11 | Borussiýa D | 3 | 2 | 0 | 1 | 12–6 | 6 |
| 12 | Real Madrid | 3 | 2 | 0 | 1 | 8–4 | 6 |
| 13 | Benfika | 3 | 2 | 0 | 1 | 7–4 | 6 |
| 14 | Ýuwentus | 3 | 2 | 0 | 1 | 6–4 | 6 |
| 15 | Lill | 3 | 2 | 0 | 1 | 4–3 | 6 |
| 16 | Feýenoord | 3 | 2 | 0 | 1 | 6–7 | 6 |
| 17 | Atalanta | 3 | 1 | 2 | 0 | 3–0 | 5 |
| 18 | Ştutgart | 3 | 1 | 1 | 1 | 3–4 | 4 |
| 19 | PSŽ | 3 | 1 | 1 | 1 | 2–3 | 4 |
| 20 | Seltik | 3 | 1 | 1 | 1 | 6–8 | 4 |
| 21 | Sparta Praga | 3 | 1 | 1 | 1 | 4–6 | 4 |
| 22 | Dinamo Zagreb | 3 | 1 | 1 | 1 | 6–11 | 4 |
| 23 | Bawariýa | 3 | 1 | 0 | 2 | 10–7 | 3 |
| 24 | Žirona | 3 | 1 | 0 | 2 | 4–4 | 3 |
| 25 | Milan | 3 | 1 | 0 | 2 | 4–5 | 3 |
| 26 | Klub Brýugge | 3 | 1 | 0 | 2 | 2–6 | 3 |
| 27 | Atletiko Madrid | 3 | 1 | 0 | 2 | 3–8 | 3 |
| 28 | PSW | 3 | 0 | 2 | 1 | 3–5 | 2 |
| 29 | Bolonýa | 3 | 0 | 1 | 2 | 0–4 | 1 |
| 30 | Şahtýor Donesk | 3 | 0 | 1 | 2 | 0–4 | 1 |
| 31 | Leipsig | 3 | 0 | 0 | 3 | 3–6 | 0 |
| 32 | Şturm Gras | 3 | 0 | 0 | 3 | 1–5 | 0 |
| 33 | Srwena Zwezda | 3 | 0 | 0 | 3 | 2–11 | 0 |
| 34 | Red Bull Salsburg | 3 | 0 | 0 | 3 | 0–9 | 0 |
| 35 | Ýang Boýz | 3 | 0 | 0 | 3 | 0–9 | 0 |
| 36 | Slowan Bratislawa | 3 | 0 | 0 | 3 | 1–11 | 0 |



## Iň köp girdeji gazanan futbolçylar

Dünýä belli «Forbes» ykdysady žurnaly 2024-nji ýylyň iň köp girdeji gazanan futbolçylaryň sanawyny mälim etdi. Sanawyň başyny çekýän Ronaldo beýlekilerden ep-esli öňde barýar. Portugaliýaly super ýyldyz ýyllyk 285 million dollarlyk gazanjy bilen 2-nji ýerdäki Lionel Messiden ep-esli öňe saýlanýar. Ronaldonyň gazanjynyň 65 million dollary meýdançanyň daşyndaky işlerine degişlidir. Sanawda 2-nji orunda Lionel Messi bolup, onuň ýyllyk gazanjy 135 million dollara deňdir. Onuň 60 milliony futboldan bolsa, galan 75 milliony beýleki işlerden (mahabat, söwda). 3-nji orunda braziliýaly Neýmaryň ady bolup, onuň 110 million dollarlyk gazanjy bar (80+30).

- 1- Kristiano Ronaldo – 285 million dollar (220+65)
- 2- Lionel Messi – 135 million dollar (60+75)
- 3- Neýmar –110 million dollar (80+30)
- 4- Karim Benzema – 104 million dollar (100+4)
- 5- Kilian Mbappe – 90 million dollar (70+20)
- 6- Erling Holann – 60 million dollar (46+14)
- 7- Winisius Junior – 55 million dollar (40+15)
- 8- Mohamed Salah – 53 million dollar (35+18)
- 9- Sadio Mane – 52 million dollar (48+4)
- 10- Kewin De Bruýne – 39 million dollar (35+4)

## NBA-nyň taryhynda ilkinji gezek: ataly-ogul bir duşuşykda

NBA-nyň täze 79-njy möwsümine badalga berlip, möwsümiň ilkinji duşuşyklary geçirildi. Täze möwsümiň açylyş duşuşygynda soňky çempion «Boston Seltiks» topary öz meýdançasynda «Nýu Ýork Niksi» 132:109 hasabynda utdy. Duşuşykda ýeňiş gazanan toparyň 37 utugyny Jeýson Tatum geçirmegi başardy.



Şeýle-de, «Los Anjeles Leýkers» öz meýdançasynda «Minnesota Timberwolwes» toparyny 110:103 hasabynda ýeňlişe sezewar etdi. Duşuşykda «LA Leýkersiň» super ýyldyzy LeBron Jeýms ogly Bronni Jeýms bilen bilelikde oýnap, olar NBA-nyň çäginde resmi duşuşykda bir duşuşykda çykyş eden ilkinji ataly-ogul basketbolçylar hökmünde hasaba alyndy. 39 ýaşyndaky LeBron bilen 20 ýaşyndaky ogly 2,5 minutlap bilelikde oýnadylar.

Duşuşykda LeBron Jeýms 16 utuk geçirdi. Topardaşy Antoni Dewis 36 utuk, 16 ribaund, 4 asist görkezijiler bilen çykyş etdi.





